TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– WATAN – BU ŞÖHRATLY PEDERLERIMIZIŇ IŇ GYMMATLY MIRASYDYR. ONUŇ GORAGYNDA SAK DURMAK HER BIR TÜRKMEN PERZENDI ÜÇIN MUKADDES BORÇDUR, BELENT MERTEBEDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
7-nji fewral, 2025. Belgisi 6/1624



# WATAN GORAGY – BELENT MERTEBE

***5-nji fewralda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynda şu ýylyň ýanwar aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasynyň çäklerinde ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işler hem-de döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzyň goranmak ukybyny ýokarlandyrmak babatda beren tabşyryklarynyň berjaý edilişi barada hasabat berdi. Şeýle hem Watan goragçylarynyň güni mynasybetli açylyp ulanmaga berlen gulluk we ýaşaýyş-durmuş maksatly binalar barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna hem-de türkmen halkyna mahsus bolan ynsanperwerlik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz milli Ýaragly Güýçleriň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, harby gullukçylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemäge aýratyn üns bermegiň wajypdygyny belledi we bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Baş prokuror B.Muhamedow ýurdumyzda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine talabalaýyk gözegçiligi amala aşyrmak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, sanly ulgamy has giňden ornaşdyrmaga, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, prokuratura edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga zerur ähmiýet berilýändigi aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunylygy hem-de hukuk tertibini pugtalandyrmagyň, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny goramagyň möhüm wezipe bolmagynda galýandygyny aýratyn belläp, Baş prokurora kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilmegine, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak boýunça ýerine ýetirilýän işlere berk gözegçiligi amala aşyrmagy tabşyrdy.

Içeri işler ministri M.Hydyrow şu ýylyň ýanwar aýynda ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, kanun bozulmalarynyň öňüni almak boýunça alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şeýle hem bu düzümleri öňdebaryjy tehnikalar we enjamlar bilen üpjün etmek, sanly tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmak, ýol hereketiniň, ýangyn howpsuzlygynyň düzgünlerini berjaý etmek boýunça görülýän çäreler barada aýdyldy. Şunuň bilen bir hatarda, ministr Watan goragçylarynyň güni mynasybetli paýtagtymyzyň Bagtyýarlyk etrabynyň «Çoganly» ýaşaýyş toplumynda Içeri işler ministrliginiň ýanyndaky Ýangyn howpsuzlygy müdirliginiň täze binalar toplumynyň, şeýle hem Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky ýaşaýyş jaý toplumynyň binalarynyň nobatdaky tapgyrynyň, Içeri işler ministrliginiň Balkan welaýat Polisiýa müdirliginiň işgärleri üçin 2 sany 4 gatly, 32 öýli döwrebap ýaşaýyş jaýynyň, welaýat Polisiýa müdirlikleriniň birliklerinde Awtoulaglaryň tehniki ýagdaýyny anyklaýyş we hasaba alyş toparlarynyň edara binalarynyň açylyp ulanmaga berlendigi hakynda hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, kanunylygyň we hukuk tertibiniň üpjün edilmegini, dürli hukuk bozulmalarynyň öňüniň alynmagyny Içeri işler ministrliginiň işgärleriniň öňünde durýan esasy wezipeleriň hatarynda görkezdi. Döwlet Baştutanymyz ilatyň arasynda ýol hereketiniň düzgünleriniň, ýangyn howpsuzlygynyň talaplarynyň berjaý edilmeginiň zerurdygy barada düşündiriş işlerini yzygiderli geçirmegiň möhümdigini aýtdy hem-de bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan şu ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işler, hususanda, milli kazyýet ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, «Türkmenistanyň kazyýet ulgamyny ösdürmegiň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» öňde goýlan wezipeleri üstünlikli çözmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, kazyýet ulgamynyň işini döwrüň talabyna laýyklykda guramagyň, kazyýet edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmagyň zerurdygy bellenildi.

Soňra milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, Milli howpsuzlyk ministrligini ösdürmegiň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi boýunça görülýän toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem hasabatyň dowamynda ministrligiň düzüminde açylyp ulanmaga berlen täze, döwrebap edara binasy we ýaşaýyş jaýlary barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, öňde goýlan wezipelere ünsi çekdi hem-de ýurdumyzyň milli howpsuzlygyny ygtybarly üpjün etmek babatda alnyp barylýan işleri yzygiderli dowam etdirmegiň zerurdygyny belläp, ministre anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew ýylyň başyndan bäri Watanymyzyň mukaddes serhediniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek boýunça görlen çäreler, serhetçileriň netijeli gulluk etmegi, ýaşaýyş-durmuşy üçin oňyn şertleri döretmek babatda amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň döwlet serhediniň goňşy ýurtlar bilen dost-doganlyk serhedidigini, ýurtlarymyzyň halklaryny köpasyrlyk hoşniýetli goňşuçylyk, hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň baglanyşdyrýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz mukaddes serhedimiziň ygtybarly goralmagyny üpjün etmegiň, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmagyň möhümdigini belledi we degişli tabşyryklary berdi.

Adalat ministri M.Taganow şu ýylyň ýanwar aýynda milli kanunçylyk binýadyny hemmetaraplaýyn pugtalandyrmak, ony döwrüň talaplaryna laýyk getirmek boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Adalat ministrliginiň Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň we Daşoguz welaýatynyň adalat edaralarynyň edara binalaryny gurmak hakynda Kararyň taslamasy hödürlenildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, milli kanunçylyk ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň, döwlet düzümleri tarapyndan işlenip taýýarlanylýan hukuk namalarynyň taslamalarynyň döwrüň talabyna laýyk bolmagyny üpjün etmegiň möhümdigini belläp, ministre bu ugurda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň we Daşoguz welaýatynyň adalat edaralarynyň edara binalaryny gurmak hakynda Karara gol çekdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, ýolbaşçylyk edýän düzümini ösdürmegiň maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleri üstünlikli çözmek boýunça görlen çäreler, döwlet Baştutanymyzyň gullugyň işini kämilleşdirmek boýunça ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak, serhetden geçýän harytlaryň we ýükleriň gözden geçirilişiniň netijeliligini üpjün etmek maksady bilen, barlag-geçiriş nokatlarynyň işini has-da kämilleşdirmegiň wajypdygyny belläp, degişli tabşyryklary berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow şu ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işler, ýolbaşçylyk edýän düzüminiň öňünde durýan möhüm wezipeleri netijeli çözmek babatda görlen anyk çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, Watan goragçylarynyň güni mynasybetli Döwlet migrasiýa gullugynyň Lebap welaýat müdirliginiň Kerki etrap bölüminiň täze edara binasynyň açylyp ulanmaga berlendigi barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gullugyň ähli düzümleriniň işiniň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegini, maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagyny, işgärleriň gulluk, ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da gowulandyrylmagyny, olaryň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyny ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda görkezdi we bu babatda anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, goranyş häsiýetli Harby doktrinamyzyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we çäk bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilýändigini, bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

## «GALKYNYŞYŇ» ULY ÝEŇŞI

*«Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen Halkara sirk festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolmagy halkymyzy buýsandyran ajaýyp waka öwrüldi. Bu şatlykly waka «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän şanly ýylymyzyň üstünlikleriniň özboluşly badalgasyna öwrüldi.*

Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen 2007-nji ýylda döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary gysga taryhy döwrüň içinde ýurdumyzyň daşynda hem uly meşhurlyga eýe bolup, abraýly baýraklary eýeledi. Topar 2013-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde geçirilen «IDOL» Bütindünýä sirk sungatynyň festiwalynda, 2014-nji ýylda Italiýanyň Latina şäherinde geçirilen XVI halkara sirk festiwalynda, 2015-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda geçirilen sirk sungatynyň II halkara festiwalynda, 2016-njy ýylda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen Çarwadarlaryň II Bütindünýä oýunlarynda şowly çykyş edip, şolaryň ählisinde hem baş baýraklara mynasyp boldy. Mundan başga-da, 2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäherinde ilkinji gezek geçirilen «Fontankadaky» sirk sungatynyň I halkara festiwalynda «Altyn Gaetano» altyn heýkeljigini gazandy. 3





## DAŞKY GURŞAWYŇ ABADANÇYLYGY — SAGDYN ÝAŞAÝŞYŇ ÖZENI

*Ýurdumyzda daşky gurşawyň abadançylygyny gorap saklamak babatda alnyp barylýan döwlet syýasaty, bu ugurda öňe sürülýän başlangyçlar, «ýaşyl» ykdysadyýeti döretmek ugrundaky tagallalar umumadamzat bähbitlerini nazarlaýar. Bu bolsa sagdyn ýaşaýşyň, durnukly ösüşiň esasydyr.*

Şeýle bolansoň ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşi ekologiýa meseleleriniň çözgüdine laýyklykda alnyp barylýar. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ählumumy ekologiýa abadançylygynyň hatyrasyna edýän tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzda tebigy baýlyklary gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda uly işler amala aşyrylýar. Şunda suw serişdelerinden aýawly peýdalanmak has möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.



Suw ähli zadyň sakasy, ýaşaýşyň gözbaşy hasaplanýar. «Häzirki döwürde suw meselesi boýunça özara hyzmatdaşlyk umumydünýä işleriniň wajyp bölegi bolup durýar. Ol köp babatda Ýer ýüzünde durnuklylygy, ösüşi we abadançylygy üpjün etmekde mümkinçilikleri kesgitleýär» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz geçen ýylyň 3-nji dekabrynda Saud Arabystany Patyşalygynda BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça Konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 16-njy maslahatynyň (COP16) çäklerinde geçirilen «Bitewi suw» sammitinde eden çykyşynda aýtdy.

Häzirki wagtda halkymyzy arassa agyz suwy bilen üpjün etmek, suw serişdelerinden netijeli peýdalanmak, howanyň üýtgemegine, ýerleriň şorlaşmagyna we çölleşmä garşy göreşmek, biologik köpdürlüligi we tebigy aýratynlyklary gorap saklamak, tokaý zolaklaryny döretmek döwlet syýasatynda esasy üns berilýän wezipeler bolup durýar. 3

4
### Maýa goýmaga rugsat berildi
Saud Arabystanynyň Maýa goýumlary edarasy (CMA) daşary ýurtly maýadarlara Mekge we Medine şäherleriniň gozgalmaýan emläge eýeçilik edýän kompaniýalaryna maýa goýmaga rugsat berýändigini mälim etdi.

5
### 2025-nji ýylda syýahat edilmeli ýerler
Dünýäniň owadan şäherlerine, deňiz kenarlaryna we täsin adalara syýahata gidýänleriň sany barha köpelýär. Adamlaryň aglaba bölegi meşhur ýerlere, özüniň belet ýerlerine ýa-da arzuw edýän ýerine gezelenç etmegi kem görmeýär.

7
### Ýewropa çempionaty tamamlandy
Estoniýanyň paýtagty Tallinde geçirilen figuralaýyn typmak boýunça Ýewropanyň çempionaty tamamlandy. Erkekleriň arasyndaky ýekeleýin ýaryşda şweýsariýaly Lukas Britşgi ýeňiji boldy.

8
### «Mançester Siti» bilen «Real Madrid» bije çekişdi
UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi. Soňky 2 ýylyň çempionlary «Mançester Siti» bilen «Real Madrid» bu gezegem bije çekişip, olar 1/8 finala çykmak üçin özara güýç synanyşar.



5-nji fewralda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ýaponiýanyň Premýer-ministriniň ýörite geňeşçisi Akihisa Nagaşima bilen duşuşdy.

# ÝAPONIÝALY HYZMATDAŞLAR BILEN BILELIKDE IRI TASLAMALAR DURMUŞA GEÇIRILÝÄR

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Ýaponiýada Türkmenistan bilen dürli ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berilýändigini belledi we pursatdan peýdalanyp, Ýaponiýanyň Imperatory Naruhitonyň hem-de Premýer-ministri Sigeru Isibanyň Gahryman Arkadagymyza iberen salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Milli Liderimiz myhmany mähirli mübärekläp, Imperator Naruhito hem-de Premýer-ministr Sigeru Isiba berk jan saglyk, abadançylyk baradaky iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Akihisa Nagaşimanyň ýurdumyza amala aşyrýan saparynyň Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge hem-de täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga goşant boljakdygyna ynam bildirip, saparyň dowamynda geçiriljek gepleşikleriň netijeli bolmagyny arzuw etdi.

Hormatly Arkadagymyz Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan edendigini belledi we ýurdumyzyň bu başlangyjyny goldandygy üçin ýapon tarapyna minnetdarlyk bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Diýarymyzda ýokary derejeli halkara forumyň geçiriljekdigini aýdyp, ýapon tarapyny bu iri çärä gatnaşmaga çagyrdy.

Myhman döwletara gatnaşyklary ösdürmekde özara saparlaryň möhüm ähmiýetini nygtap, Gahryman Arkadagymyzyň Ýaponiýa amala aşyran saparlaryny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny aýtdy. Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, häzirki wagtda türkmen-ýapon gatnaşyklary syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, durmuş, medeni-ynsanperwer we beýleki ugurlarda işjeň ösdürilýär. Ykdysady hyzmatdaşlyk barada aýdylanda, ol yzygiderli, durnukly we uzak möhletleýin häsiýete eýedir. Şunda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-ýapon komitetine uly orun degişlidir. Geçen ýylyň dekabrynda ýurdumyzda bu komitetiň 15-nji mejlisi geçirildi. Onuň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze ugurlary kesgitlenildi.

Milli Liderimiz Türkmenistanyň tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolmak bilen, mawy ýangyjyň eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmaga, ony gaýtadan işleýän senagaty ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini belledi. Mälim bolşy ýaly, iri ýapon kompaniýalary köp ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň gaz pudagynda, himiýa senagatynda netijeli iş alyp barýarlar. Ýaponiýaly hyzmatdaşlar bilen bilelikde gurlan önümçilik desgalarynyň önümleri ýurdumyzyň eksportynda uly orun tutýar. Bu önümlere içerki bazarda, şeýle hem daşary ýurtlarda uly isleg bildirilýär. Gyýanlydaky polimer, Garabogazdaky karbamid, Ahal welaýatyndaky tebigy gazdan benzin öndürýän senagat toplumlary, «Maryazot» zawody bilelikde üstünlikli amala aşyrylan taslamalaryň hatarynda görkezildi. Şunuň bilen baglylykda, Akihisa Nagaşima ýapon kompaniýalaryna netijeli işlemek babatda döredilýän mümkinçilikler üçin türkmen halkynyň Milli Liderine we hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Gahryman Arkadagymyz häzirki wagtda hem ýurdumyzda ýapon kompaniýalary bilen bilelikde iri taslamalaryň durmuşa geçirilýändigini aýdyp, Türkmenistanyň bu hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygyny tassyklady.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň aprelinde Ýaponiýanyň Osaka şäherinde «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisi geçiriler. Türkmenistan bu sergä gatnaşmaga uly gyzyklanma bildirýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda ýörite guramaçylyk topary döredilip, häzirki wagtda degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Milli Liderimiz ýurtlarymyzyň ikitaraplaýyn, şeýle hem köptaraplaýyn görnüşde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändiklerini belledi we pursatdan peýdalanyp, «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» dialogyna gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ilkinji sammitiniň hem-de «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisiniň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmakda, halklary ýakynlaşdyrmakda hem-de medeniýetleri özara baýlaşdyrmakda uly orny eýeleýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyga ünsi çekip, Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde ýapon diliniň öwredilýändigini aýtdy we bu ulgamda netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirmegiň, özara Medeniýet günlerini geçirmegiň möhümdigini belledi. Şeýle-de Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge we täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Ýaponiýanyň Premýer-ministriniň ýörite geňeşçisi Akihisa Nagaşima netijeli türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynyň iki ýurduň dostlukly halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## Dünýäniň meşhur syýahatçylyk ýerleri

Syýahatçylyga degişli maglumatlary taýýarlaýan «Tripadvisor» agentligi 2025-nji ýylyň iň meşhur syýahatçylyk ýerlerini mälim etdi. Agentligiň döredilmeginiň 25 ýyllygy mynasybetli ýörite taýýarlanan «Jahankeşdeleriň saýlany» atly sanawyň birinji basgançagynda London şäheri bar. Sanawyň mundan ozalky nusgasynda birinji ýeri eýelän Dubaý bu ýylky sanawda üçünji orna düşdi. Angliýanyň paýtagty iň gowy aşhana sanawynda ikinji, medeni merkezler sanawynda üçünji bolupdyr.



Sanawyň ikinji basgançagyny Bali adasy eýeleýär. Sisiliýa adasy, Pariž, Rim, Hanoý, Marrakeş, Krit adasy we Bangkok degişlilikde ilkinji onluga giripdir. Ýaponiýanyň Osaka, Malaýziýanyň Kuala-Lumpur we Argentinanyň Buenos-Aýres şäherleri hem sanawda özüne orun tapdy. Ýeke gezmegi halaýanlar üçin taýýarlanan sanawda Koreýa Respublikasynyň paýtagty Seul, Nepalyň paýtagty Katmandu, Perunyň Kusko we Ýaponiýanyň Kýoto şäherleri bar.

**Serdar AKYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Arkadag şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, kapitan.*

## HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ ESERLERI ÝAŞLAR ÜÇIN GOLLANMA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlaryň ylymly-bilimli bolup ýetişmegi üçin uly aladalar edilýär. Ýurdumyzyň bilim we ylym binýadyny pugtalandyrmaga, bilim ulgamyny dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň derejesine ýetirmäge gönükdirilen işler durmuşa geçirilýär.




Ýurdumyzyň geljekki ösüşlerini ýaşlarda görýän hormatly Prezidentimiz ýaşlara uly ynam bildirýär. Hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitaby hem-de beýleki gymmatly eserleri ýaşlar üçin gollanma bolup hyzmat edýär. Bu eserler ýaşlarymyz üçin ýol-ýörelge, durmuşyň her bir pursadynda çelgi bolup, Watana, halka hyzmat etmegiň, kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmegiň beýik nusgasyny salgy berýär. «Watanymyzyň geljegi ýaşlarymyz bilendir. Olar ata Watanymyza, halkymyza wepaly, ata-babalarymyzyň döwletlilik we ynsanperwerlik ýörelgelerine eýerýän, zähmetsöýer, watansöýüji, päk ahlakly ýaşlar bolmalydyr. Şeýle belent adamkärçilik sypatlary bilen Watanymyzyň, türkmen halkynyň dünýädäki abraý-mertebesini has-da belende götermelidirler» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz belläp geçýär.

Hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýylyň – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň öňüsyrasynda çapdan çykan «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabynda bolsa türkmen halkynyň durmuşynda, dünýä edebiýatynyň altyn hazynasynda Magtymguly Pyragynyň eýeleýän orny giňişleýin açylyp görkezilýär. Täze kitapda öňe sürülýän ylmy esasly pikirler, pelsepewi taglymatlar, buýsançly sözler akyldar şahyrymyzyň ýakyn-alys, goňşy-garyndaş halklaryň guwanjyna öwrülen jöwher şygryýetiniň döwürleri baglanyşdyrýandygy, Magtymguly Pyragynyň külli adamzadyň belent hormat-sarpasyna mynasyp bolan beýik şahsyýetdigini ykrar edýär.

Ýaşlara uly ynam bildirýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, aýdyň maksatly, beýik tutumly işleri hemişe rowaç bolsun! Watanymyzyň daýanjy ýaşlara buýsanç bilen ýüzlenýän hormatly Prezidentimiziň jöwher paýhasyndan döreýän kitaplarynyň höwri köp bolsun!

**Sapartäç MEREDOWA,**
*Aşgabat şäherindäki Hommat Müllük adyndaky 23-nji orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.*

## MALAÝZIÝADA ÝURDUMYZYŇ MAÝA GOÝUM MÜMKINÇILIKLERI TANYŞDYRYLAR

23-24-nji aprelde Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklaryna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forumy (TEIF 2025) geçiriler. Dünýäniň öňdebaryjy paýtagtynda geçiriljek bu çäre maýadarlara energetika, senagat, ulag, oba hojalygy hem-de ençeme beýleki ugurlar bilen birlikde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda maýa goýum taslamalary bilen tanyşmaga ajaýyp mümkinçilik berer. «Durnukly, gülläp ösýän, depginli ykdysadyýete maýa goýuň» diýen şygara laýyklykda forumyň gün tertibi mazmunly maslahatlaşmalary özünde jemlär. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň ýolbaşçylary bilen geçiriljek işewürlik duşuşyklary ýurduň täze maýa goýum mümkinçilikleri barada gymmatly maglumatlary almaga kömek eder. «TEIF 2025» täze mümkinçilikleri açar, innowasiýalara we durnukly ösüşe itergi berip, Türkmenistan hem-de onuň halkara hyzmatdaşlary üçin gülläp ösýän geljegi üpjün eder.




«Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleri hem-de Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy çäräniň guramaçylary bolup çykyş edýärler. Nebitgaz, energetika, gurluşyk, ulag, maglumat tehnologiýalary, telekommunikasiýalar we senagat ulgamlaryna wekilçilik edýän ýolbaşçylar ýurdumyzyň soňky we geljegi uly maýa goýum taslamalaryny tanyşdyrmak we ara alyp maslahatlaşmak mümkinçiligini peýdalanarlar.

Parižde geçirilen Türkmenistanyň energetika ulgamyna maýa goýumlary çekmek boýunça köp maýa goýum ylalaşyklaryny baglaşmaga ýardam eden «TEIF 2024»-iň üstünligine esaslanyp, öňde boljak çäräniň guramaçylary Kuala-Lumpurdaky «TEIF 2025»-iň Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryndan maýa goýumlaryň çekilmegine itergi berjekdigini belleýärler.

**Aýtäç ATAÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## 26 metrlik awtobus tanyşdyryldy

Hytaýyň «Yutong» kompaniýasy dünýäniň iň uzyn awtobusyny tanyşdyrdy. Elektrik energiýasy bilen işleýän awtobusyň Meksika bilen gazanylan ylalaşygyň netijesinde öndürilendigi mälim edildi. Äpet ulagyň iki ýerinde aňsat aýlanar ýaly ýaý bar. Kompaniýa şeýle ulagyň dünýäde ilkinji gezek öndürilýändigini belledi.



«Yutong»-yň Meksikadaky spikeri bu awtobusyň diňe uly göwrümli we az energiýa sarp etmän, eýsem, gyssagly ýerli islegleri hem kanagatlandyrýandygyny, şol bir wagtyň özünde Meksikadaky ýolagçylaryň endikleriniň hem göz öňünde tutulandygyny, ulagyň geljekde Meksikada we bütin Latyn Amerikasy ýurtlarynda jemgyýetçilik gatnawynyň döwrebaplaşdyrylmagyna goşant goşjakdygyny belledi.

Meksikadaky awtobuslaryň aglabasy «Yutong» kompaniýasynyň önümidir. Şeýle hem Ýewropadaky awtobuslaryň dörtden biri «Yutong» awtobuslarydyr.

## IKITARAPLAÝYN GATNAŞYKLAR ÖSDÜRILÝÄR

Ata Watanymyz ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň işjeňligi bilen dünýä jemgyýetçiliginiň syýasy-ykdysady giňişliklerinde ygtybarly orun eýeledi. Ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem goňşy döwletler bilen dostlukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň netijeli ösdürilmegi bolup durýar.



Türkmenistan goňşy döwlet bolan Gazagystan bilen giň gerimli hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Muňa golaýda Gahryman Arkadagymyzyň Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti bilen bolan telefon arkaly söhbetdeşligi we onuň yzysüre ýurdumyzyň wekiliýetiniň Astana şäherine amala aşyran sapary aýdyň subutnamadyr.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň web saýtynda habar berlişi ýaly, bu saparyň çäklerinde iki ýurduň arasynda söwda-ykdysady, ulag-üstaşyr, energetika we medeni-ynsanperwer ugurly gatnaşyklaryň has-da ösdürilmegi ugrunda taraplaryň beýan eden başlangyçlary döwletara gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna ygrarlylygyň aýdyň nyşany boldy. Ikitaraplaýyn gepleşiklerde özara söwdanyň möçberini 1 milliard dollara ýetirmek babatda tagallalaryň edilmegi ugrunda ylalaşyldy. Şeýle hem taraplar iki ýurduň ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demir ýolunyň ýük geçirijilik mümkinçilikleriniň artdyrylmagynyň ähmiýetini bellediler.

Şeýle hem bilelikdäki işleriň durmuşa geçirilmegi üçin ähmiýetli mümkinçilige eýe bolan söwda-ykdysady ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyna we geljekki mümkinçiliklerine seredilip geçildi.

Mundan başga-da, medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygyň ýagdaýyna hem jikme-jik seredildi. Ylym-bilim, saglygy goraýyş ugurlary boýunça gatnaşyklaryň ösdürilmegine hem gyzyklanma bildirildi.

**Güljeren ŞAMYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## SERESAPLYLYGY ELDEN BERMÄLIŇ!

Gözel Diýarymyzyň çar künjegine uzaýan döwrebap ýollar eşretli durmuşymyzy has-da gözelleşdirýär. Bu ýollar halkara ülňülere laýyk getirilýär. Ulag serişdeleriniň barha artmagy bolsa ýol hereketiniň gözegçilikde saklanmagyny talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýol hereketiniň düzgünleriniň doly berjaý edilmegi ugrunda ýurdumyzyň ähli sebitlerinde möhüm işler alnyp barylýar.




Ýol hereketinde howpsuzlygy üpjün etmek, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak wezipesi biziň ýurdumyzda hem möhüm ýerine ýetirmeli wezipeleriň biri bolup durýar. Ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek babatdaky esasy meseleler hemmeler üçin möhüm bolup durýar. Bu mesele jogapkärli çemeleşmegi talap edýär. Awtoulaglaryň sanynyň barha artmagy diňe bir sürüjileriň däl, eýsem, pyýadalaryň hem bu babatdaky jogapkärçiligini artdyrýar.

Ýaz we güýz aýlarynda ýagynly günler köp bolup, gyş paslynda bolsa köçelerde garyň, ýagşyň ýagmagy bilen doňaklygyň emele gelmegi herekete gatnaşyjylardan aýratyn ünsli bolmagy talap edýär. Esasan hem, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almakda sürüjileriň hem, pyýadalaryň hem ýol hereketiniň kadalaryny dogry berjaý etmeklerine baglydyr.

Hormatly sürüjiler! Awtoulaglaryňyzy ünsli dolandyryp, köçe-ýol hereketiniň düzgünlerini doly we dogry berjaý etseňiz, Diýarymyzyň gözelligine, maşgalaňyzyň, halkymyzyň abadan durmuşyna, Watanymyzyň gülläp ösmegine uly goşant goşdugyňyz bolar.

Halkymyza eşretli ýaşaýşy bagyş edip, ýurdumyzy dünýäde ösen döwletleriň hataryna çykaran hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň jany sag, ömri uzak, tutýan tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Berdimyrat DURDYÝEW,**
*Tejen etrap polisiýa bölüminiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi bölüminiň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

## Elektron söwda 2 trillion dollardan geçer

Dünýäde elektron söwdanyň (e-söwda) peýda bolanyna 30 ýyldan gowrak wagt geçdi. Bilermenler e-söwdanyň ýerine s-söwdanyň (Sosiýal-söwda/Social Commerce) geçendigini belleýärler. Söwdanyň bu usulynda jemgyýetçilik torlary giňden ulanylyp, her ulanyjynyň halaýan zadyna görä, onuň mahabaty peýda bolýar. Bu bolsa adaty elektron söwdadan düýbünden tapawutlanýar. Indi sarp edijiler harytlary elektron dükanlardan däl-de, jemgyýetçilik torlaryndaky akkauntlardan gözleýärler. Munuň üçin «TikTok», «Instagram», «Pinterest», «YouTube», «Snapchat» ýaly platformalar giňden ulanylýar.



Çaklamalara görä, 2025-nji ýylda jemgyýetçilik torlaryndan peýdalanyp edilen söwdanyň möçberi 80 milliard dollara ýeter. Bu görkeziji umumy söwdanyň 5 göterimine barabardyr. Bütin dünýäde bolsa 2 trillion dollardan geçmegine garaşylýar. ABŞ-da 25 ýaşdan kiçileriň 60 göteriminiň bir zat satyn almakçy bolanlarynda jemgyýetçilik torlaryndan peýdalanýandygy mälim edildi. Hytaýda hem söwdanyň bu usulyndan giňden peýdalanylýar.

**Mergen KULMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň merkezi edarasynyň Okuw bölüminiň uly gözegçisi, maýor.*




## Energiýa pudagyna maýa goýar

Bölek söwda bilen meşgullanýan «Amazon» kompaniýasy global derejede elektrik üpjünçiligi bilen meşgullanýan «Iberdrola» bilen hyzmatdaşlyk eder. Ylalaşyga görä, «Amazon» Ispaniýada we Portugaliýada jemi 476 megawat önümçilik kuwwaty bolan Gün we ýel energiýasyny satyn alar. «Amazon» sebitde gurmagy meýilleşdirýän maglumat merkezini arassa elektrik energiýasy bilen üpjün eder.

Geçen ýyl «Amazon» geljek 10 ýylyň dowamynda maglumat merkezlerine we beýleki infrastruktura desgalaryna jemi 17 milliard dollar maýa goýum goýjakdygyny mälim edipdi.

Atlantik ummanynyň kenarynda ýerleşýän Portugaliýa tebigy energiýa serişdelerine örän baý. Deňiz kenarlary ýel energiýasyny öndürmäge amatly bolsa, ýurduň akar suwlarynda gidroelektrik desgalary gurlan. Güneşli ýurtda Gün energiýasyndan hem peýdalanylýar. «Amazon» emeli aň we «bulut» hyzmatlaryna bolan islegi kanagatlandyrmak maksady bilen maglumat merkezlerini gurýar.

**Sülgün GARAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň tehnik işgäri.*

## Gipertoniýanyň göze görünmeýän alamatlary

Dünýäde ýokary gan basyşy bolan 30 ýaşdan geçen adamlaryň sany soňky ýyllarda iki esse artypdyr, üstesine-de olaryň ýarysyndan gowragynyň bejergi almandygy ýüze çykarylypdyr. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) maglumatlaryna görä, gipertoniýanyň netijelerinden her ýyl, takmynan, 8,5 million adam aradan çykýar. Bu nähoşluga uçranlaryň ýaryna golaýynyň özlerinde gipertoniýanyň bardygyndan habarlarynyň ýokdugy bellenilýär.



Geçirilen barlaglarda çilim çekmek, alkogolly içgileri içmek, hereketsizlik, nädogry iýmitlenmek, iýmitde duzy aşa köp ulanmak we artykmaç agram ýaly ýaramaz durmuş ýörelgeleriniň hem-de howanyň hapalanmagynyň ýokary arterial basyşyna sebäp bolup biljekdigi ýüze çykaryldy. Sagdyn iýmitlenmek we fiziki taýdan has işjeň bolmak ýaly sagdyn durmuş ýörelgeleri gan basyşynyň peselmegine kömek edip biler.

Barlaglaryň dowamynda dünýäde 30-79 ýaş aralygyndaky erkekleriň we zenanlaryň üçden bir böleginde ýokary gan basyşynyň bardygy anyklandy. Gipertoniýanyň esasy alamaty kellagyrydyr. Ol beýnidäki gan damarlarynyň daralmagy we gysylmagy sebäpli ýüze çykýar. BSGG-niň hünärmenleri ýokary gan basyşynyň ýürek-damar kesellerine, beýni we böwrek kesellerine uçramagyň howpuny ýokarlandyrýandygyny we dünýäde ölümiň esasy sebäplerinden biridigini belleýärler.

Gipertoniýany anyklamak kyn däl. Munuň üçin gan basyşyňyzy yzygiderli ölçemek ýeterlik, muny öý şertlerinde hem edip bolýar. Ýüregiň çalt urmagy, gulagyň şaňlamagy, umumy gowşaklyk, gözüň öňüniň uçganaklamagy, başyň aýlanmagy, ukynyň bozulmagy, kellede güýçli agyry duýmak ýaly ýagdaýlar gipertoniýanyň umumy alamatlarydyr. BSGG gipertoniýanyň öňüni almaga kömek edýän birnäçe maslahatlary berýär. Bular duz we trans ýaglary kabul etmegi azaltmagy, alkogolly içgilerden we temmäki önümlerinden daşda durmagy öz içine alýar. Hünärmenler işjeň durmuş ýörelgesiniň we sagdyn iýmitlenmegiň zerurdygyny hem nygtaýarlar.

**Gurbangeldi PAŞŞYKOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 7-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115711
Belgisi: 6/1624
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# «GALKYNYŞYŇ» ULY ÝEŇŞI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

### «GALKYNYŞA» ÝAPYLAN SERPAÝLAR

«Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen Halkara sirk festiwalyndaky üstünligi bu ýeňişleriň üstüni ýetirdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen Halkara sirk sungaty festiwalynda Baş baýrak we ýörite baýraklar bilen sylaglanylmagy mynasybetli sowgatlaryň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky Döwlet sirkinde geçirilen bu dabaraly çärede hormatly Prezidentimiziň adyndan topara 3 million manat pul baýragy, şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň adyndan toparyň agzalaryna müň ýewrodan pul baýraklarynyň dabaraly ýagdaýda gowşurylmagy ýurdumyzda gazanylan üstünlikleriň sarpasynyň hemişe belent tutulýandygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.







### BEDEWLERIŇ BELENT SARPASY

Eziz Watanymyzda ata-babalarymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala getiren milli gymmatlygy bolan behişdi bedewlerimize belent sarpa goýulýar. Atçylyk pudagyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan köpugurly işleriň netijesinde behişdi bedewleriň şöhraty dünýä dolýar. Dünýä gymmatlyklarynyň naýbaşy nusgasyna öwrülen türkmen bedewleri taryhda öçmejek yz goýup, häzirki döwürde hem görenleri haýrana goýýar. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew» atly pähim-paýhasa ýugrulan eserleri milli buýsanjymyz bolan ahalteke bedewleriniň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelşi, gylyk-häsiýetleri barada gymmatly maglumatlaryň çeşmesidir.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda we dünýäde atçylyk pudagyny ösdürmäge uly goşant goşan türkmen we daşary ýurtly atşynaslara «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy», «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary», «Türkmenistanyň ussat halypa seýsi» we «Türkmenistanyň halk atşynasy» diýen hormatly atlaryň dakylmagy ykballaryny asylly käre bagyşlan atşynaslaryň halal, yhlasly zähmetlerine döwletimiz tarapyndan berilýän mynasyp bahanyň aýdyň nyşanydyr. Dünýä gözelligi özünde jemleýän ajaýyp ahalteke atlarymyz bütin dünýäde ýurdumyza, halkymyza meşhurlyk getirýär. Mizemez genji-hazynamyza öwrülen, asyrlaryň dowamynda türkmeniň at-abraýyny, mertebesini saklan milli atçylyk sungatymyz häzirki döwürde täze röwüşde galkynýar. Gahryman Arkadagymyzyň «Biz özümize we öz güýjümize berk ynanýarys, bu ynam öz köklerini türkmen topragynyň berekedinden we sahylygyndan, dünýäni aňk ediji hadysany – adam bilen atyň jana-jan dostlugyny döretmegiň hötdesinden gelen pederlerimiziň pähim-parasadyndan alyp gaýdýar» diýip bellemegi türkmen bedewiniň ähli döwürlerde halkymyzyň durmuşynda eýelän möhüm ornuny açyp görkezýär. Şonuň netijesinde hem bedewleriň mertebesi belent tutulýar.

### ARKADAG ŞÄHERI – ATÇYLYGYŇ MEKANY

Arkadag şäheriniň binagärlik-gurluşyk keşbinde türkmen bedewiniň mynasyp orny eýelemegi, esasy şaýollarynyň birine Akhan atly bedewiň adynyň dakylyp, onuň ugrunda Akhan monumentiniň, şäheriň merkezinde bolsa Milli Liderimiziň ahalteke bedewine atlanan pursadyny şekillendirýän «Arkadag Binasynyň» gurulmagy ýöne ýerden däl. Milli Liderimiziň tagallasy bilen ahalteke bedewleriniň belent mertebesi täze derejä göterildi. Arkadag şäherinde Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, halypa çapyksuwar Milli Liderimiziň ahalteke bedewlere ýhlasy çäksizdir. 2024-nji ýylda Arkadag şäherinde ilkinji gezek geçirilen Türkmen bedewiniň «Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşigine hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagy hem örän buýsandyryjy waka bolup ýüreklere ornady.

Halkara ahalteke atçylyk sport toplumy bilen ýanaşyp oturan Arkadag şäheriniň Atçylyk ylmy-önümçilik merkezinde, Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň hem-de Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň döwrebap binalaryny synlanyňda hem bu ýerleriň atçylygyň mekanydygyna doly göz ýetirmek bolýar. Dünýäde ýeke-täk şeýle ýokary okuw mekdebi bolan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň umumy tutýan meýdany 20 gektara deňdir.

Arkadag şäheriniň gurulmagy halkymyzyň buýsanjyna buýsanç goşan taryhy wakalaryň biri boldy. Bu ajaýyp şäheriň aýratynlyklarynyň biri hem onuň ahalteke bedewleriniň merkezine öwrülmegidir. Bu gadymy toprakda bina edilen «akylly» şäherde türkmen bedewlerini ylmy esasda öwrenmek işleri Arkadag şäherindäki Atçylyk ylmy-önümçilik merkezinde häzirki zamanyň talabyna laýyklykda alnyp barylýar.

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# DAŞKY GURŞAWYŇ ABADANÇYLYGY – SAGDYN ÝAŞAÝŞYŇ ÖZENI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Gahryman Arkadagymyzyň geçen ýyl Er-Riýad şäherinde geçirilen «Bitewi suw» sammitinde öňe süren başlangyçlary, hususan-da Merkezi Aziýada bu ugurdaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklary pugtalandyrmak meseleleri Merkezi Aziýanyň ýolbaşçylary tarapyndan uly goldawa eýe bolýar. Golaýda Gahryman Arkadagymyzyň Gazagystan Respublikasynyň hem-de Gyrgyz Respublikasynyň döwlet Baştutanlary bilen geçiren telefon arkaly söhbetdeşlikleri hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Ýer şarynyň ykdysady we ekologik abadançylygy, syýasy döwletara gatnaşyklaryň häsiýeti hem ugry köp babatda biziň suw meselelerinden netijeli baş alyp çykyşymyza baglydyr diýip, Gahryman Arkadagymyz şol sammitdäki çykyşynda Merkezi Aziýada suw meselesiniň ähli toplumyna garalanda üç ugra – halkara hukugyň kadalarynyň berjaý edilmegine; sebitiň hemme döwletleriniň bähbitleriniň özara hasaba alynmagyna; halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasyny bu meselä gatnaşdyrmak ýörelgelerine eýerilmelidigini nygtapdy.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan döwletimiz hyzmatdaşlygyň ekologiýa ugruna aýratyn ähmiýet berýär hem-de döwletleriň we halkara guramalaryň bu babatdaky tagallalarynyň, şol sanda buzluklaryň eremegi, dag ösüşi ýaly meseleleriň giň toplumynda tagallalaryň birleşdirilmegi ugrunda çykyş edýär. Eziz Diýarymyz sebitde tebigaty we ekologik gurşawy goramaga gönükdirilen çäreleri goldaýar. Munuň özi suw serişdelerini ýurtlarymyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň bähbidine rejeli hem deňagramly peýdalanmaga mümkinçilik berer.

Ýurdumyzda her ýylyň ýaz we güýz pasyllarynda döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagynda ählihalk bag ekmek dabarasy geçirilip, köp mukdarda pürli, saýaly we miweli agaç nahallary oturdylýar. Şeýlelikde, obalardyr şäherçelerimizde, şäherlerimizde ýaşyl baglaryň, seýilgähleriň hatary barha artýar. «Türkmenistanyň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmegiň çäklerinde ynsan eli bilen döredilýän tokaýlyklar ýurdumyzyň çar künjüni gurşap alyp, ekologiýa abadançylygy has-da gowulanýar. Tebigatyň gözelligine gözellik goşýan ýaşyl baglaryň hatarynyň gitdigiçe artmagy döwletimiziň



köpugurly ekologiýa syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylýandygyna şaýatlyk edýär.

Tebigatda ähli janly-jandarlaryň ýaşaýşy daşky gurşaw, arassa howa, suw we iýmit bilen berk baglanyşyklydyr. Daşky gurşawyň abadançylygy sagdyn ýaşaýyş, bagtyýar durmuş hasaplanýar. Ýurdumyzyň ekologiýa syýasaty jemgyýetiň ekologiýa babatda ruhy-ahlak terbiýäni hem-de ýokary medeniýeti, tebigata jogapkärçilikli garamagy hem öz içine alýar. Hormatly Prezidentimiziň daşky gurşawy goramakda alyp barýan nusgalyk işlerinde geljekde-de uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# ÖŇDEBARYJY SENAGAT KÄRHANASY

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan üstümizdäki ýyla gadam basan türkmen ili hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda has-da abadan geljegine barýar. Milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda uly özgertmeler durmuşa geçirilip, üstünlikli netijeler gazanylýar. Bu ösüşleriň her biri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli başlangyçlaryny, beýik işlerini dowam edýän, olara rowaçlyk berýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän belent maksatlardyr. Şeýle öňegidişligiň gazanylmagynda gurluşyk we senagat pudagynyň hem mynasyp paýy bar. Çünki, milli ykdysadyýetiň ösüşlerini senagatlaşdyrmakdan üzňe göz öňüne getirmek mümkin däl. Milli ykdysadyýet bolsa ýurduň kuwwatlylygyny we durnukly ösüşini üpjün edýär. Ýurdumyzyň ösen senagatly ýurda öwrülmeginde gurluşyk senagatyny ösdürmek ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Şonuň üçin hem Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň gurluşyk senagatynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, önümçilik we ylmy-tehniki kuwwatyny artdyrmak, ýerli çig maldan taýýarlanylýan gurluşyk serişdeleriniň görnüşlerini köpeltmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan ýerli önümleriň öndürilişini artdyrmak ýaly wajyp wezipeler üstünlikli çözülýär.





Ugurdaş kärhanalaryň arasynda öňdebaryjylaryň biri hasaplanýan düzümleriň biri hem geçen 2024-nji ýyly ýokary görkezijiler bilen tamamlan Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Daşoguz şäheriniň «Demirbetonönümleri» zawodydyr. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň önümçilik görkezijilerine nazar aýlanyňda hem muňa göz ýetirmek bolýar. Ýurdumyzyň iri senagat kärhanalarynyň biri bolan bu zawodyň 2015-nji ýylda durky täzelenip, häzirkizaman innowasion enjamlar ornaşdyryldy. Şonuň netijesinde dünýä ülňülerine gabat gelýän, gurluşykda ulanylýan demir-beton önümleri öndürilip başlandy. Şeýlelikde, öndürilýän önümler mukdar taýdan artyp, hil taýdan has ýokary derejelere çykdy.

Önümçilik kuwwaty ýylda 50 müň kub metr gurnama demir-beton önümleri bolan zawodda häzirki wagtda guwandyryjy netijeler gazanylýar. Kärhana meýilleşdirilen işleri her aýda ähli ykdysady görkezijiler boýunça möhletinden has öň ýerine ýetirýär. Bu iri kärhanada öndürilýän önümler: binanyň daşky we içki diwarlary üçin niýetlenen beton önümler, bassyrmalar, aýnalardyr gapylar üçin niýetlenen beton birikdirijiler, ekologiýa taýdan arassa, howpsuz demirbeton önümleri gurulýan köp gatly ýaşaýyş jaýlarynyň we beýleki binalaryň gurluşyklaryna yzygiderli ugradylýar. Işine ezber, tejribeli hünärmenler bölümlerde oturdylan kuwwatly enjamlaryň ygtybarly ulanylmagy, önümleriň hiliniň ýokary bolmagy üçin yhlasly zähmet çekýärler. Şeýle bolansoň, geçen ýylda 36 müň kub metr demir-beton önümlerini öndürmegi göz öňünde tutup, ony 36 müň 632 kub metr edip ýerine ýetiren kärhananyň önümlerine isleg örän uly. Geçen ýyl kärhana önüm öndürmek boýunça meýilnamany 104,6 göterim, öňki ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 105,5 göterim ýerine ýetirdi.

2016-njy ýyldan bäri kärhanada gurluşyk bölümi hem hereket edip, zawodyň gurluşyk-gurnama önümleri ýaşaýyş jaýlarynda, önümçilik binalarynda ulanylýar. Gurluşykçylar Watan goragçylarynyň gününiň öňüsyrasynda edara binasyny we ýaşaýyş jaýyny gurup, ulanmaga tabşyrdylar. Daşoguz şäheriniň Oguzhan köçesinde Awtotürgenleşik mekdebiniň gurluşygy, Şagadam hem-de Orazgeldi Ärsaryýew adyndaky köçeleriň ugrunda, degişlilikde, 1 sany 4 gatly, 24 öýli, 1 sany 4 gatly 16 öýli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Şeýle hem Daşoguz şäheriniň N.Andalyp adyndaky köçäniň ugrunda 1 sany 4 gatly, 48 öýli iri panelli ýaşaýyş jaýynyň, welaýatyň Şabat etrabynyň Gümrük nokadynyň Awtomobil gözegçilik-geçiriş ýerinde gurulýan karantin merkeziniň, Daşoguz şäheriniň we Şabat etrabynyň çäginde birnäçe ýeňillikli karzyň hasabyna ipoteka ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyklary güýçli depginde alnyp barylýar. Zawodyň gurluşykçylary gurluşyk-gurnama işleri boýunça geçen ýylyň meýilnamasyny hem 116,5 göterim ýerine ýetirdiler.

Kärhanada kärdeşler arkalaşygynyň agzalarynyň 350-ä golaýy agzybirlikli zähmet çekýär. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramasy hem işgärleriň öndürijilikli işlemekleri üçin ähli amatlyklaryň, howpsuz iş we oňat dynç alyş şertleriniň döredilmegi üçin degişli işleri alyp barýar. Zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk okuwlary guralýar. Degişli tertipde ýörite geýim, aýakgap we gorag serişdeleri bilen mugt üpjün edilýär. Ýeri gelende bellesek, zawodda işçi-hünärmenleriň ýaşaýyş jaý üpjünçiligini gowulandyrmak babatda hem uly aladalar edilýär. Daşoguz şäheriniň gözel künjeginde gurlup, ulanylmaga berlen döwrebap ýaşaýyş jaý toplumyndan zawodyň buýurmasy esasasynda 2 sany 4 gatly 24 öýli ýaşaýyş jaýy guruldy. Bitaraplyk baýramynyň 29 ýyllygynyň uludan bellenilýän günlerinde 48 sany bagtyýar maşgala jaý toýlaryny toýladylar.

Eziz Watanymyzyň ümzügi öňe ilerläp, durmuşymyz gül-reýhana beslenen bossanlygy ýatladýar. Asudalyk, jebislik, Bitarap Türkmenistany dünýäde nusgalyk ýurda öwürmek ugrunda çekilýän agzybirlikli zähmet durmuşymyzy özgerdip, kalbymyzda egsilmez buýsanç duýgusyny joşdurýar. Şonuň üçin hem ýurdumyzda zähmet adamsy hakda edilýän aladalara göwni galkynan zawodyň işçi-hünärmenleri Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny ýokary önümçilik görkezijilerine beslemegi maksat edinýärler.

Goý, asuda ýurdumyzda ýetilýän şöhratly menziller hemişe dowamat-dowam bolsun! Hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

**Jumagül HOJAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň pudaklar boýunça utgaşdyryjysy, Türkmenistanyň ussat mugallymy.*

# BILIM – KÄMILLIGE BADALGA

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen bilim ulgamynda uly özgertmelere badalga berildi. Hut şu nukdaýnazardan, ýaşlaryň ruhy-ahlak taýdan sagdyn ösüp ýetişmegi, olaryň döwrebap bilim-terbiýe almagy, işine ussat, milli we dünýä ylmynyň inçe syrlaryndan baş çykarmagyň hötdesinden gelýän hünärmenler bolup ýetişmekleri ugrunda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Jemgyýeti ösdürmegiň kuwwatly hereketlendiriji güýji hökmünde ylym ýurdumyzyň durmuşynda örän möhüm orny eýeleýär, ata Watanymyzyň dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna goşulmagynda esasy şertleriň biri bolup durýar.

Bu gün Garaşsyz Diýarymyzda hormatly Prezidentimiziň beýik ynamyndan egsilmez güýç-gaýrat alýan ýurdumyzyň ýaş nesilleri ylymly-bilimli bolup, ösen tehnikalara erk etmekde, ylmy gözleglerde öň hatarlarda bolmakda erjellik görkezýärler. Döwlet we halkara derejelerinde geçirilýän taslamalarda, ylmy bäsleşiklerde, olimpiadalarda ýaşlarymyzyň ýokary netijeleri gazanmaklary hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ýaş nesle pederlerimiziň watanperwerlik nusgasynda, häzirki zaman dünýäsiniň ösen talaplaryna laýyklykda, bilim başarnyklaryny bermek babatda alyp barýan syýasatlarynyň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.



Şu nukdaýnazardan ýurdumyzda geçirilýän halkara ylmy maslahatlardyr bilim olimpiadalarynyň ähmiýeti has uludyr. Üstümizdäki ýylyň fewral-mart aýlarynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara olimpiadalar we okuw-usuly maslahatlar geçiriler. Bu çäreler Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasynyň çäklerinde guralar. Olar Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de Türkmenistanyň BMG-niň agzalygyna kabul edilmeginiň 33 ýyllygy mynasybetli geçiriler.

28-nji fewralda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Dil - hoşniýetli gatnaşyklaryň möhüm serişdesi» atly halkara okuw-usuly maslahaty geçiriler. 10-15-nji martda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda nazary mehanika dersinden IV Açyk halkara internet olimpiadasyny, 18-nji martda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda materiallaryň garşylygy dersinden IV Açyk halkara internet olimpiadasyny geçirmek meýilleşdirilýär.

Maslahatlara we olimpiadalara ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, professor-mugallymlary, alymlary bilen bir hatarda, RF-niň, ABŞ-nyň, HHR-iň, Koreýa Respublikasynyň, BAE-niň, Awstriýanyň, GFR-iň, Rumyniýanyň, Türkiýäniň, Belarus Respublikasynyň, Malaýziýanyň, Özbegistanyň, Gazagystanyň we beýleki döwletleriň abraýly bilim ojaklarynyň zehinli ýaşlarynyň, alymlarynyň gatnaşmagyna garaşylýar.

Bu çäreler ylym-bilim babatda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine, dürli ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna we ýokary bilimli hünärmenleriň taýýarlanylmagyna ýardam berer.

Umuman, ýurdumyzda bilim ulgamynda özgertmeleriň amala aşyrylmagy häzirki döwrüň häsiýetli aýratynlygydyr. Bilim ulgamynda täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy döwletimizde bilim özgertmeleriniň üstünlikli bolmagynyň girewidir. Ýurdumyzda ylmyň, tehnikanyň, sanly ykdysadyýetiň batly gadamlar bilen ösdürilmegi häzirki döwürde ylmyň, tehnologiýanyň we önümçiligiň biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyna şaýatlyk edýär. Bilimli, döwrüň ösen tehnologiýalaryndan oňat baş çykarýan ýaşlar biziň geljegimizdir. Sowatly ýaşlary kemala getirmekde mugallymlara uly jogapkärçilik düşýär.

Sanly tehnologiýalaryň ulanylmagy ýokary hilli bilim bermäge mümkinçilik döredýär. Şeýle üstünliklere eýe bolmak üçin jogapkärli zähmet çekip, ýaş nesle döwrebap bilim we terbiýe bermekde asylly işler durmuşa geçirilýär.

**Sähergül ABDYLOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# BAGTYÝAR DÖWRÜMIZ – ÖSÜŞLERIŇ ZAMANASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri türkmen taryhynyň iň ajaýyp zamanasyna öwrüldi. Ol il-ýurduň sowulmaz ýaz ýaly bagtynyň güwäsidigi bilen şöhratlanýar. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýen şygar bilen dabaralanýan ýylda bagtyýar döwrümiziň gadyr-gymmaty göwünlere has-da üýtgeşik ýakym berýär. Munuň sebäpleriniň biri hem bu ýylda mukaddes ýurt Garaşsyzlygymyza 34 ýylyň, hemişelik Bitaraplygymyza 30 ýylyň dolýandygy bilen baglydyr. Çünki Türkmenistanyň Garaşsyzlyk we hemişelik Bitaraplyk ýyllary içinde ýetilen abadan ýaşaýyş we ösüşler il-ýurt bagtyýarlygynyň mizemez binýadydyr. Bu iki mukaddesligiň eçilýän miweleri bu gün ykbalymyzyň asyl manysydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli başlangyçlarynyň aýdyň ýoly we bu ýoluň hormatly Prezidentimiz tarapyndan ynamly dowam etdirilmegi ýurdumyzy ösüşleriň belentligine çykardy. Ýurduň paýtagty, ähli etrap-şäherleri tanalmaz derejede özgerdi. Halkyň, şol sanda ýaş nesilleriň ylym-bilimlilik, aň-düşünjelilik, hünärdir bilermenlik babatdaky derejesi has-da ilerledi.

Biziň güneşli Diýarymyzda hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli durmuş-ykdysady maksatnamalarynyň saýasynda ýurdumyzyň ähli künjekleri deň derejede ösdürilýär. Şeýlelikde, etraplarda senagat kärhanalary, önümçilik nokatlary yzly-yzyna gurlup, ulanylmaga berilýär. Bu ýagdaý bir tarapdan ýerli ilatyň, esasan hem, ýaşlaryň iş bilen üpjünçiligini ýola goýsa, beýleki tarapdan halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga oňyn esas berýär.

Eziz Diýarymyzda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, senagat hem-de gurluşyk babatda uly üstünlikler gazanylýar.

Ýurdumyzyň sebitlerini toplumlaýyn esasda ösdürmek täze taryhy döwrüň möhüm wezipeleriniň biri bolmagynda galýar. Şunuň bilen baglylykda, diňe bir şäherlerde däl, eýsem, oba ýerlerindäki ilatyň ýokary durmuş derejesini üpjün etmäge gönükdirilen Oba milli maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Geçen ýyl paýtagtymyzda Halkara sagaldyş-dikeldiş merkeziniň we Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkeziniň açylyş dabaralary geçirildi. Milli saglygy goraýyş ulgamyna degişli möhüm desgalaryň birnäçesi welaýatlarda hem açyldy. Has takygy, Mary welaýatynda Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezi, welaýat hem-de şäher Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň täze



edara binalary, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde bolsa glisirrizin turşusyny öndürýän kärhana ulanmaga berildi. Şeýle hem Diýarymyzyň ähli künjeginde ýaşaýyş jaýlarynyň, dürli maksatly desgalaryň açylyş dabaralary boldy. Binagärligiň gadymdan gelýän milli däpleriniň we dünýäniň şähergurluşyk pudagynyň üstünlikleriniň sazlaşykly utgaşdyrylmagy gurulýan ähli desgalaryň esasy aýratynlygydyr. Munuň özi gurluşyk pudagynyň ata-babalarymyzyň köpasyrlyk tejribesini baýlaşdyrmak we öňdebaryjy işläp taýýarlamalary özleşdirmek arkaly, döwür bilen aýakdaş ösýändigine şaýatlyk edýär.

Senagatlaşmak we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek ýoluna düşen döwletimiz içerki bazary ýerli çig mallaryň esasynda öndürilýän gurluşyk serişdeleri bilen üpjün etmek meselelerine aýratyn üns berýär. Ýurdumyzda öndürilýän önümleriň ýokary hilini, bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek maksady bilen, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegine, innowasion kärhanalaryň gurluşygyna, hereket edýän önümçilik kuwwatlyklarynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna ägirt uly maýa goýumlar gönükdirilýär. Ýylda 1 million tonna önüm öndürijilik kuwwatlylygy bolan Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda Lebap, Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda bolsa Bäherden sement zawodlarynyň ikinji tapgyrlarynyň işe girizilmegi milli gurluşyk senagatynyň kuwwatyny pugtalandyrmagyň ýolunda möhüm ädim boldy. Bu, öz gezeginde, ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli gurluşyk işleriniň ýokary depginini uzak ýyllaryň dowamynda üpjün etmäge ýardam berer.

**Baky GURBANDURDYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# BANK ULGAMYNDA DÖWREBAP HYZMATLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bank ulgamynyň işi yzygiderli kämilleşdirilip, ilata hödürlenýän bank hyzmatlarynyň gerimi giňeldilýär. Ulgamda amala aşyrylýan özgertmeler raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da gowulanmagyna getirýär. Halkymyz üçin ýokary amatlyklary üpjün edýän nagt däl hasaplaşyklary ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler oňyn netijeleri berýär. Şeýlelikde, bank kartlary arkaly hödürlenýän bank amallarynyň sany artdyrylýar, geçirilýän tölegleriň goraglylygy, howpsuzlygy yzygiderli üpjün edilýär.

Bilşimiz ýaly, XXI asyr – sanly ulgamlaryň giň gerimde ýaýbaňlanýan asyry. Muňa dünýä ykdysadyýetiniň barha ählumumylaşmagy aýdyň mysal bolup durýar. Ýurtlaryň geografik ýerleşişine garamazdan, sanly tehnologiýalaryň hasabyna edilýän işler dessin amala aşyrylýar. Olar bilen aýakdaş gitmek – döwrüň derwaýys talaby. Bu babatda ýurdumyzyň karz edaralary, şol sanda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky hem täze-täze hyzmatlary hödürlemekde, sanly bank hyzmatlaryny we amala aşyrylýan beýleki işleri has-da ýönekeýleşdirmekde degişli çäreleri durmuşa geçirýär.



Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýurduň pul aýlanyşygyny kämilleşdirmek we nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini has-da giňeltmek maksady bilen köp işler amala aşyrylýar. Olaryň arasynda milli kartly töleg ulgamy boýunça elektron tölegleri geçirmekligi ýola goýmak aýratyn orny eýeleýär. Bu öz gezeginde ýurduň pul-karz ulgamyny kämilleşdirmäge, nagt däl hasaplaşygy ösdürmäge, milli ykdysadyýetimizde pul serişdeleriniň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga amatly şertleri döredýär.

Eziz Diýarymyzyň halkara maliýe bazaryndaky wekili bolup, strategiki taýdan möhüm maýa goýum taslamalaryny we wezipelerini maliýeleşdirmek babatda giň gerimli işleri alyp barýan Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan menzilara bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak ugrunda hem tagallalar edilýär. Bank tarapyndan «Galkynyş» töleg ulgamyny işe girizmek meýilleşdirilýär. Beýik Britaniýanyň «Financial Times» abraýly neşiriniň «The Banker» žurnaly tarapyndan 15-nji gezek Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky «Türkmenistanyň iň gowy banky» diýip atlandyryldy. Şeýle hem bu bank «MasterCard Standart Syýahat» we «VISA Classic Syýahat» bank kartlarynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmaga şertler döredýär.

Häzirki wagtda ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagy beýleki ykdysady düzümler bilen bir hatarda banklaryň hem sanly ulgama geçmegini şertlendirdi. Bank ulgamynda ulanylýan sanly tehnologiýalaryň döredýän amatlyklaryndan peýdalanmak bilen halkara tejribesiniň öňdebaryjy tilsimatlarynyň ornaşdyrylmagy netijesinde müşderilere döwrebap bank hyzmatlaryny hödürlemek we bank işjeňligini ýokarlandyrmak boýunça sanly ykdysadyýete geçmäge degişli işleri alyp barmak dowam etdirilýär.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň kemala gelmegi jemgyýetçilik durmuşynda we maliýe işinde maglumat we sanly serişdeleriň ähmiýetiniň güýçlenmegi bilen häsiýetlendirilýär. Munuň esasy sebäbini ykdysadyýetiň sanly görnüşinde jemlenen mümkinçilikleriň diňe bir ykdysady ösüşi üpjün etmekde däl, eýsem, ynsan durmuşynyň hem özgermegine getirýändigi bilen düşündirip bolar.

**Aşyrgeldi AKMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Elektroulag satuwy artar.** Dünýäniň elektroulag bazary ýokary depginde ösmegini dowam etdirýär. «Rho Motion» gözleg kompaniýasynyň çaklamalaryna görä, 2025-nji ýylda doly elektrik we gibrid awtoulaglarynyň satuwy 17% ýokarlanyp, 20 million birlikden geçer. Bu öňegidişlikde Hytaý aýratyn orun eýelär.



**Dört günlük iş hepdesine geçdi.** Beýik Britaniýada iki ýüzden gowrak kompaniýa dört günlük iş hepdesine geçdi. «Täze düzgüne görä, işleýänleriň kanagatlanma derejesi ýokarlandy» diýip, «The Guardian» habar berýär. Bilermenler «täze düzgün adamlary has bagtly, olaryň zähmetini bolsa has öndürijilikli edýär» diýip hasaplaýarlar.



**Çişirilýän täsin göçme jaý.** Lýuksemburgyň Eş şäherinde «2001» kompaniýasy tarapyndan çişirilýän täsin gurluşly göçme jaý işlenip düzüldi. Täsin gurluşly bu jaý, 6 adama niýetlenip, tehnologiýanyň we döredijiligiň birleşen nusgasyny hödürleýär diýip, «New Atlas» neşiri habar berýär.



**«Alibaba» emeli aň modelini çykardy.** Hytaýyň tehnologiýa kompaniýasy «Alibaba» «Qwen 2.5» atly emeli aň modeliniň täze nusgasyny çykardy. «DeepSeek-V3» modelinden öňe geçen täze model adatdan daşary güýçli toplumlaýyn aýratynlyklary görkezýär diýip, «Alibaba Cloud»-yň beýanatynda aýdylýar.



**Ýyllyk girdejisi artýar.** 1,8 trillion dollar möçberinde serişdeleri bolan Norwegiýanyň pensiýa gaznasy rekord derejede ýyllyk 2,51 trillion kron (222 milliard dollar) girdeji gazanandygyny habar berdi. Bu gazna dünýädäki iň uly maýadarlaryň biridir we dünýädäki paýnamalaryň ortaça 1,5 göterimine eýeçilik edýär.



**Öňdebaryjy kompaniýa boldy.** Ýaponiýanyň «Toyota Motor» kompaniýasy geçen ýyl awtoulag satuwynda dünýädäki öňdeligini dowam etdirdi. Ýapon brendiniň satuwynyň 3,7 göterim azaldandygyna garamazdan, dünýäde 10,8 million ulag ýerländigi mälim edildi.



**Ýurduň senasyny üýtgetmekçi.** Ermenistanyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan ýurduň senasynyň iň soňky we ikinji bentlerini üýtgetmek barada teklip bilen çykyş etdi. Onuň pikiriçe, senanyň sözleri Ermenistany has-da dabaralandyrýan we şan-şöhrata besleýän sözler bilen tamamlanmalydyr.



**Ýewronyň dizaýnyny üýtgederler.** Ýewropanyň Merkezi banky ýewronyň täze kagyz pullarynyň dizaýnynyň görnüşlerini öwrenýär. Bu baradaky gutarnykly karar 2026-njy ýylda kabul ediler. Iň oňat taslama ugrundaky bäsleşik şu ýylyň içinde geçiriler. Täze ýewrolar dizaýny tassyklanandan birnäçe ýyldan soň dolanyşyga girer.



**Ýeriň jümmüşini burawlamakçy.** Hytaý çuň guýulary burawlamaga niýetlenen tehnologiýalary döretmek boýunça milli maksatnamasyny ýola goýdy. Bu taslamanyň maksady 15 müň metr çuňluga aralaşmaga ukyply ilkinji has çuň burawlaýyş desgasyny döretmekdir. Häzirki wagtda Hytaýyň iň çuň guýusy 11 müň metre ýetýär diýip, «South China Morning Post» neşiri habar berýär.



**Ukyplaryny ösdürýär.** Maýami uniwersitetiniň (ABŞ) bilermenleriniň geçiren barlaglary köp dil bilmegiň çagalaryň akyl-paýhas ukyplarynyň ösmegine ýardam berýändigini görkezdi. Bu, aýratyn-da autistik spektr bozulmalary bolan çagalar üçin möhümdir. Barlagyň netijeleri «Journal of Experimental Child Psychology» žurnalynda çap edildi.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1984-nji ýylyň 7-nji fewralynda NASA-nyň kosmonawty Brýus Makkendless («STS-41B Challenger» missiýasynyň hünärmeni) kosmos gämisi bilen hiç hili mehaniki baglanyşyk bolmazdan erkin uçuş bilen açyk kosmos giňişliginde işlän ilkinji adam boldy.**



# TÄZE HÖKÜMET KASAM KABUL ETDI

**3-nji fewralda sagçy «Täze flaman alýans» partiýasynyň lideri, Premýer-ministr Bart De Weweriň ýolbaşçylygyndaky Belgiýanyň täze hökümeti Patyşa Filippiň huzurynda kasam kabul etdi. Belgiýanyň Ministrler Kabinetiniň 14 agzasynyň hem De Wewer bilen bilelikde kasam edendigi bellenilýär. De Wewer ýurduň resmi dilleri bolan niderland, fransuz we nemes dillerinde söz sözledi.**

**Belgiýada 2024-nji ýylyň tomsunda parlament saýlawlary geçirilenden bäri dolandyryjy koalisiýa hem-de täze hökümet döretmek baradaky gepleşiklerde ylalaşyk gazanyp bilmediler. Gepleşikler stolundaky iň kyn mesele bolsa «sosial-ykdysady bukja» boldy. Taraplar goranmak, migrasiýa, howa we saglygy goraýyş ýaly meselelerde has aňsat ylalaşyk gazandylar. Emma çepçi we liberal partiýalar De Weweriň Belgiýanyň býujet ýetmezçiligi sebäpli maliýe serişdelerini tygşytlamak baradaky tekliplerine garşy çykansoň, gepleşikler uzaga çekdi.**

**Ýurt wagtlaýynça soňky saýlawlarda ýeňlişe sezewar bolup, bäşinji orna düşen Aleksandr De Kroonyň ýolbaşçylygyndaky Ministrler Kabineti tarapyndan ýolbaşçylyk edildi.**



**2024-nji ýylyň 9-njy iýunynda geçirilen ähliumumy saýlawlarda «Täze flaman alýans» partiýasynyň lideri Bart De Wewer ýeňiş gazandy. Belgiýa hökümet gurmak meselesinde birnäçe gezek kynçylyklary başdan geçirdi. 12 million töweregi ilaty bolan ýurtda hökümet gurmak prosesi elmydama halkara jemgyýetçiliginiň üns merkezinde durýar. Çünki ýurduň paýtagty Brýusselde köp sanly halkara guramalary işleýär.**

# HYZMATDAŞLYGY HAS-DA ÖSDÜRMEKÇI

2-nji fewralda iş sapary bilen Londona baran Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Kir Starmer tarapyndan kabul edildi. Taraplar goranmak, energiýa we söwda ugurlarynda hyzmatdaşlygy güýçlendirmek barada ylalaşyk gazandylar.

– Gürrüňsiz, bu Beýik Britaniýanyň bähbidine bolar diýip pikir edýärin. Şeýle-de munuň Ýewropa Bileleşiginiň bähbidine boljakdygyna ynamym uly. Çünki soňky ýedi aýyň dowamyndaky özara gatnaşyklarymyzda düýpli tapawutlar göze ilýär – diýip, Starmer belledi.

«Duşuşygyň dowamynda iki lider Ýakyn Gündogardaky wakalary ara alyp maslahatlaşdylar» diýip, Kir Starmeriň metbugat sekretary habar berdi. Gepleşiklerde Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri global meselelerde taraplaryň garaýyşlarynyň meňzeşdigini belläp geçdi.

Bu duşuşyk 3-nji fewralda Brýusselde guralan Ýewropa Bileleşiginiň resmi däl sammitiniň öňüsyrasynda geçirildi. Sammite Beýik Britaniýanyň Ýewropa Bileleşigi bilen gatnaşyklaryny «täzeden dikeltmegi» maksat edinýän Kir Starmer hem gatnaşdy. Britan Premýer-ministri «Brexit»-den bäş ýyl soň Ýewropa Bileleşigine gaýdyp gelmek mümkinçiligini aradan aýyrsa-da, goranmak, energiýa we söwda ugurlarynda has ýakyn hyzmatdaşlyga isleg bildirýär. Geçen ýylyň iýulynda saýlanan Starmeriň hökümeti, Ýewropa Bileleşigi bilen



hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagy wada berýär. Şeýle-de bolsa, has ýakyn hyzmatdaşlyk meýilnamalary entek belli däl. Sammitden soň başlajak gepleşikler, esasan, goranmak, migrasiýa, energiýa howpsuzlygy we çig mal ýaly ugurlary öz içine alar. Ýewropa Bileleşiginiň wekilleri Londonyň ýakynlaşmak baradaky tagallalaryny makullaýarlar, ýöne agza döwletleriň geljekki ikitaraplaýyn gepleşiklerde öz bähbitlerini gorajakdygyny görkezýän alamatlar bar.

# ÝEWROPA BILELEŞIGINIŇ KARARY

2-nji fewralda Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlarda «Emeli aň hakyndaky kanunyň» ilkinji kadalary güýje girdi. Bu giň gerimli kadalaşdyryjy hukuk namasy emeli aňyň (EA) ulanylyşyny düzgünleşdirýär. Ýewropa Parlamenti tarapyndan geçen ýylyň mart aýynda tassyklanan bu kanun jemgyýet üçin «kabul ederliksiz töwekgelçilik» döredýän EA ulgamlaryny gadagan edýär.

Bu gadaganlyk, esasan, adamlara sosial derejelerine görä baha berýän, adamlaryň özüni alyp barşyna täsir edýän, işde ýa-da okuwda adamlaryň duýgularyny öwrenýän we jemgyýetçilik ýerlerinde biometriki maglumatlary toplamak maksady bilen ulanylýan EA ulgamlaryna degişli bolar. Bu düzgünleri bozan kompaniýalar 35 million ýewro ýa-da ýyllyk dolanyşygynyň 7 göterimine çenli jerime tölemeli bolar. Ýöne bilermenleriň aýtmagyna görä, jerimeler birbada güýje girmez.

Ýatlap geçsek, kanunyň güýje girmezinden öň hem käbir kompaniýalar täze düzgünlere taýynlyk görüp ugrapdylar. Mysal üçin, 2024-nji



ýylyň sentýabr aýynda «Amazon», «Google» we «OpenAI» ýaly köp sanly kompaniýalar «Emeli aň hakyndaky kanunyň» düzgünlerini berjaý etmäge borçly edýän meýletin ylalaşyga gol çekipdiler. Şu ýylyň awgust aýynda kanunyň ähli düzgünlerini, şol sanda jerimeleri güýje girizmek meýilleşdirilýär. 2026-njy ýylda biometrika we bilim pudagynda ýokary töwekgelçilikli ulgamlar babatynda çäklendiriji çäreler güýje girer.

# PARLAMENT SAÝLAWLARY GEÇIRILER

Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiç ýurduň Premýer-ministri Miloş Wuçewiç işinden çekilenden soň ýa-da parlamentiň nobatdan daşary saýlawlaryndan soň täze hökümet gurmak barada kararyň kabul ediljekdigini aýtdy.

– Miloş Wuçewiç işinden çekilýändigini mälim etdi, indi iş tertibi şeýle: Eger-de bir aýyň içinde hökümet döredilmese, möhletinden öň parlament saýlawlarynyň geçiriljek wagty mälim ediler – diýip, döwlet Baştutany belledi.



28-nji ýanwarda Serbiýanyň Premýer-ministri Miloş Wuçewiç Premýer-ministr wezipesinden çekilýändigini habar berdi. Serbiýanyň kanunlaryna görä, parlament Premýer-ministriň işinden çekilýändigini resmi taýdan tassyklamaly. Şondan soňky 30 günlük döwürde Serbiýanyň Prezidentiniň täze Hökümet Başlygyny parlamentiň tassyklamagy üçin ministrlik wezipelerine dalaşgärleriň sanawyny hödürlemäge hukugy bar. Bu döwürde ylalaşyk gazanylmasa, Prezident parlamenti ýatyrmaga we täze saýlawyň senesini bellemäge borçly. Täze saýlawlaryň wagty kesgitlenenden soň 60 günden gijä galman geçiriler.

# Dünýäniň iň uly çip zawody

Koreýa Respublikasynyň hökümeti Ýongin şäherinde «Korea Semiconductor Manufacturing Company» (KSMC) atly dünýäniň iň uly ýarymgeçiriji öndürýän toplumynyň gurluşygyny tassyklady. Bu toplum alty sany uly çip öndürýän zawody, üç elektrik stansiýasyny, materiallar, enjamlar we zerur ätiýaçlyklar bilen üpjün etmek bilen meşgullanýan onlarça kärhanany birleşdirer. Onuň meýdany 7,28 inedördül kilometr bolar diýip, «Tom's Hardware» neşiri ýazýar.

Täze toplumyň gurluşygyna 2026-njy ýylyň dekabrynda başlanar. Bu maksat bilen Koreýa Respublikasynyň hökümeti ýollar, suw we elektrik üpjünçiligi ýaly möhüm infrastrukturalary ösdürip başlar. Bu ýerde «Samsung» we «SK hynix» ýaly dünýäniň iň uly çip öndürijileri, şeýle hem 60-dan gowrak kiçi we orta kärhanalar işlär. Bir sebitdäki şeýle bileleşik öndürijiler bilen üpjün edijileriň arasynda ýakyn hyzmatdaşlygy ýola goýmaga mümkinçilik döreder.



Şeýle hem täze tehnologiýalaryň ösüşini çaltlandyryp, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrar.

Bu taslamanyň 300 trillion won (takmynan, 203,75 milliard dollar) hususy maýa goýumlaryny çekip, 1,6 million iş ýerini döretjekdigi çak edilýär. Senagat desgalaryndan başga-da, toplumyň çäginde işçiler üçin ýaşaýyş jaýlary gurlup, ol talabalaýyk şäherçe bolar.

# MAÝA GOÝMAGA RUGSAT BERILDI

Saud Arabystanynyň Maýa goýumlary edarasy (CMA) daşary ýurtly maýadarlara 27-nji ýanwardan başlap, Mekge we Medine şäherleriniň gozgalmaýan emläge eýeçilik edýän kompaniýalaryna maýa goýmaga rugsat berýändigini yglan etdi.

Şeýle çözgüt daşary ýurtly maýadarlara zyýaratçylary ýerleşdirmekden girdeji alýan kompaniýalarda paý satyn almaga mümkinçilik berýär. Şeýle-de bolsa, çäklendirmeler girizilýär: maýadarlar diňe paýnamalara we gymmatly kagyzlara maýa goýup bilerler, ýöne şular ýaly kompaniýalar paýnamalaryň 49 göteriminden gowragyna eýe bolup bilmezler. Düzgünleriň üýtgemegi bu şäherleriň infrastrukturasyny ösdürmek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge gönükdirilendir.

Haj zyýaraty Saud Arabystanynyň esasy girdeji çeşmelerinden biridir. 2019-njy ýylda 7,5 million zyýaratçy Mekgä we Medinä baryp, ýurduň ykdysadyýetine, takmynan, 12 milliard dollar girdeji getirdi. Häkimiýetler 2030-njy ýyla çenli zyýaratçylaryň sanyny 30 milliona ýetirmegi meýilleşdirýär.

Saud Arabystany «Vision 2030» maksatnamasynyň çäklerinde ýurduň ykdysadyýe-



tiniň nebit pudagyna garaşlylygyny azaltmagy, syýahatçylygy, tehnologiýany we beýleki pudaklary ösdürmegi maksat edinýär. Geçen ýyl 1,8 million zyýaratçy mukaddes Mekgä haj zyýaratyny amala aşyrdy.

# ER-RIÝADDA TÄSIN STADION GURLAR

Geçen ýylyň ahyrynda Saud Arabystanynda mirasdüşer şazada Mohammed bin Salman adyndaky köp ugurly stadionyň taslamasy hödürlendi. Täze stadion Er-Riýad şäheriniň golaýyndaky 200 metr beýiklikdäki Tuwaýk belentliginde ýerleşer. Stadionyň gurluşyk işleri, dünýä belli ispan gurluşyk kompaniýasy «FCC Construcción» we Saud Arabystanynyň «Nesma & Partners Contracting» kompaniýasy tarapyndan alnyp barylýar. Stadionyň gurluşygy Saud Arabystanynyň dynç alyş we syýahatçylyk megataslamasy bolan «Al-Kiddiýa»-nyň çäginde amala aşyrylar.

Bu taslama amala aşyrylandan soňra doly seplenen hereketli meýdançalar, öwrülýän üçekler we LED diwarlar bilen enjamlaşdyrylan dünýäde ilkinji stadion bolar. LED ekranlarda stadionyň içinde bolup geçýän wakalar we lazer şüweleňleri görkeziler. Ekranyň açylmadyk wagty, Kiddiýa şäheriniň ajaýyp görnüşi tomaşaçylara hödürlener.

Bu üýtgeşik desganyň gurluşyk işleri 2029-njy ýylda tamamlanar we stadion 47 müň tomaşaça hyzmat eder. Şonuň ýaly hem, bu stadion 2034-nji ýylda geçiriljek FIFA Dünýä çempionatynyň geçiriljek meý-



dançalarynyň biri bolar. Saud Arabystanynda bu çempionat 2034-nji ýylyň 12-nji ýanwaryndan 19-njy fewralyna çenli dowam eder. Şeýle-de stadion Saud Premýer ligasynyň «Al-Hilal» we «Al-Nassr» toparlarynyň ýerli meýdançasy hökmünde hyzmat eder.

# Dilleriň goragynda

Awstraliýanyň Milli uniwersitetiniň (ANU) alymlarynyň tassyklamagyna görä, häzirki wagtda dünýä dilleriniň 40 göterimden gowragy ýitip ýok bolmak howpy bilen ýüzbe-ýüz dur. Bu bolsa ýakyn onýyllyklarda dünýäniň medeni mirasynyň uly böleginiň ýitip biljekdigini aňladýar.

Ylmy barlaglar dünýäde her iki hepdede bir diliň ýitýändigini görkezdi. Soňky 60 ýylda dilleriň 30 göterimden gowragy ýitdi. Eger bu ýagdaý dowam etse, onda asyryň ahyryna çenli dünýäde dilleriň sany bäş esse azalyp biler. Bu ýagdaýa köplenç, jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler sebäp bolýar. Dilleriň ýitip gitmek prosesiniň esasy sebäpleriniň biri hem globallaşmak we migrasiýa bolup durýar. Adamlar obalardan şäherlere göçüp gidýärler we wagtyň geçmegi bilen öz ene dillerini ýitirýärler. Käbir diller has möhüm bolýar, şonuň üçin adamlar öz ene dillerinde gürlemegini bes edýär. Bu hem özboluşly däpleriň ýitmegine getirýär.

Aýratyn hem, Demirgazyk we Merkezi Amerikada, Günbatar Afrikada we Demirgazyk Awstraliýada dillere güýçli zyýan ýetýär. Dil ýitgisi diňe bir lingwistik mesele bolman, eýsem, medeni köpdürlüligiň ýitmegidir diýip, barlag geçirijiler belleýärler.

Häzirki wagtda dünýäde 6 müň töweregi janly dil bar. Aragatnaşygyň ösmegi bilen dilleriň sany gitdigiçe azalýar. Adamlaryň köpüsi hytaýça, hindiçe, iňlisçe, ispança, arapça, rusça we portugalça gepleýärler. Fransuz dili hem ep-esli derejede ýaýran, ýöne ony ene



dili hasaplaýanlaryň sany onçakly köp däl. Diliň saklanyp galmagy üçin şol dilde gepleýän 100 müňden gowrak adam gerek.

Häzirki wagtda bar bolan dilleriň ýarysyndan gowragynyň XXI asyryň ortalarynda ulanyşdan galjakdygy çaklanylýar. Köp diller şol dilde gepleýänleriň has güýçli başga dil gurşawy bilen aragatnaşyga girmegi sebäpli ýitýär. Şonuň üçin, ilkinji nobatda, az halkly diller we döwleti bolmadyk diller ýitip ýok bolup gitmek howpy bilen ýüzbe-ýüz durýarlar. Eger-de dili 70-den az çaga öwrenýän bolsa, onda ol ýitip barýan dil hasaplanýar.

# SÜRÜJISIZ AWTOBUS SYNAGDAN GEÇIRILER

**Şweýsariýanyň Sýurih şäherinde SBB/CFF demir ýol kompaniýasy sürüjisiz jemgyýetçilik ulagyny synagdan geçirmäge taýýarlanýar. Geljek aýdan başlap, Sýurihiň golaýyndaky Furttal sebitinde sürüjisiz awtobuslar hereket edip başlar. Kompaniýanyň wekilleri awtomatlaşdyrylan hyzmatlaryň sebitiň ýaşaýjylary üçin möhüm goşmaça hyzmatlary berip biljekdigine ynanýarlar. Şeýle awtoulaglar ykdysady taýdan tygşytly işläp, oba we şäher ýerlerinde ulag hyzmatlarynyň hilini ep-esli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer. Synag geçirilýän ýer hökmünde Furttal sebiti saýlanyp alyndy. Gatnaw üçin niýetlenen awtoulaglar adaty ýol hereketine gatnaşar, ýöne ruluň başynda adam bolmaz. Ulag ýörite programma arkaly uzakdan dolandyrylar.**



# 2025-nji ÝYLDA SYÝAHAT EDILMELI ÝERLER

**Dünýäniň owadan şäherlerine, deňiz kenarlaryna we täsin adalara syýahata gidýänleriň sany barha köpelýär. Adamlaryň aglaba bölegi meşhur ýerlere, özüniň belet ýerlerine ýa-da arzuw edýän ýerine gezelenç etmegi kem görmeýär. Şeýle-de bolsa syýahatçylyk agentlikleri we syýahatçylyk žurnallary her ýyl syýahat edip boljak iň gowy ýerleriň sanawyny täzeden hödürleýärler. Geliň, 2025-nji ýylda syýahat etmek üçin iň gowy ýerleriň sanawy bilen tanyş bolalyň!**



**Alýaska, ABŞ.** Dünýäniň iň sowuk sebitleriniň biri bolan Alýaskada her ýylyň mart aýynda meşhur itli tirkeg ýaryşy bolan «Iditarod Trail» geçirilýär. Ussat itçileri bir ýere jemleýän bu ýaryş 1600 kilometr aralykda geçirilýär. Bu ýaryşa ýerli halk bilen bir hatarda, syýahatçylar hem gatnaşýarlar. Sanki çekýän itleri ýakyndan synlamak ýygnananlarda ýatdan çykmajak duýgulary döredýär. Myhmanlar bu ýerdäki 252 otagly «Wildbirch» myhmanhanasynda galyp, «Glacier Bay» milli seýilgähi we goraghanasynda, ýabany tebigatda, kenar ýakalarynda dynç alyp bilýärler. Alýaskadaky Hubbard buzlugy hem owadan peýzažy emele getirýär. Bu ýerde aýylary ýakyndan synlamaga mümkinçilik berýän «Kodiak Grizzly Bear» merkezi hem işleýär.



**Kuba.** ÝUNESKO girizilen medeni şäherleri, reňkli nusgawy awtoulaglary, aýdym-sazy, köçe tanslary we çalt gepleşýän ýerli ýaşaýjylary bilen tanalýan Latyn Amerika döwleti 2025-nji ýylda gezelenje gitmeli ýerleriň biridir. Ýurduň üçünji uly şäheri Kamagueýiň taryhy ýadygärliklerine aýlanyp, soňra özüne çekiji Trinidada baryp bilersiňiz. Ýurduň paýtagty Gawana gitmezden ozal, Santa-Klara baryp, sütünler şäheriniň täsinliklerini synlap bolýar. Gawanada Halkara jaz festiwaly, Gawana Biennale sungat ýarmarkasy geçirilýär. Paýtagt şäherde XVIII asyrda gurlan kaşaň myhmanhana «Estansiýa Bohemiýada» dynç alyp bolýar.

**Jerba adasy, Tunis.** Afrikanyň iň gadymy oturymly ýerleriniň biri bolan Jerba adasynda 300-den gowrak metjidi bolan oba ýerleşýär. Jerba Ortaýer deňziniň iň uly adalarynyň biridir. Bu ýyl Jerba adasynda ilkinji gezek Bütindünýä ada aşhanasy festiwaly geçiriler. Festiwal dünýäniň dürli künjeginden gelen aşpezleriň gatnaşmagynda aýdym-saz we deňiz çäreleri bilen dowam eder. Festiwalda, esasan, zeýtundan we zeýtun ýagyndan tagamlar taýýarlanar. Jerba göm-gök suwlary, flamingolary we düýe sürüleri bilen meşhurdyr. Bu ýerde myhmanlar üçin ýerli binagärlik usulynda gurlan «Dar Dhiafa» myhmanhanasy ýerleşýär.





**La Paz, Boliwiýa.** Deňiz derejesinden 3300-4100 metr belentlikde ýerleşýän La Paz dünýäniň iň beýik şäheri hasaplanýar. Bu şähere uçarly baryp bolýar. Ispaniýa meýdany, Awaroa meýdany, Titikaka köli, Tiwanaku sütünleri, Kopakabana kenary şäheriň iň meşhur ýerleri hasaplanýar. Bu ýerde 4500 metr beýiklikde ýerleşýän dünýäniň iň howply ýoly «El Kamino de la Muerte» hem bar. La Paz XIX asyrda gurlan ybadathanalary, muzeýleri, reňkli bazarlary bilen görenleri haýran galdyrýar. Özüne çekiji ýerleriň biri bolan bu şäherde paçu balygyndan we kara-kara guşundan dürli tagamlar taýýarlanylýar.



**Ngorongoro krateri, Tanzaniýa.** Dünýäniň iň uly krateri bolan Ngorongoro 2-3 million ýyl ozal Tanzaniýada atylan wulkandan emele gelipdir. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Ngorongoro seýilgähiniň tutýan meýdany 8 müň inedördül kilometrden gowrak bolup, bu ýerde janly-jandarlaryň dürli görnüşi ýaşaýar. Krateriň töwereginde ýaşaýyş jaýlary bolup, bu ýere baran myhmanlar ýerli öýlerde galýarlar. Krateriň iň beýik nokady 500 metre ýetýär. Bu ýerde Ngorongoro kraterinden başga-da, gezelenç etmek üçin Serengeti milli seýilgähi, Kilimanjaro we Meru daglary, Manýara köli we Tarangire milli seýilgähi bar.



**Palau.** 500-den gowrak adany özünde jemleýän Palau owadan adalary, göm-gök suwlary we baý biodürlüligi bilen ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Palaunyň iň köp ilatly adasy Koror bolup, köp adada adam ýaşamaýar. Ýuwaş ummanyndan syýahatçylyk gämileri arkaly baryp bolýan bu ýerde 11 sany kaşaň otagly «ýüzýän şypahana» bolan «Four Seasons Explorer» bar. Ýurduň iň uly adasy Babeldaob we Rok adasy medeni gezelençleri guramak üçin, syýahatçylaryň medeniýetli dynç almagy üçin iň gowy ýerler hasaplanýar. Häzirki wagtda Rok adasynda 50 otagly «Dört möwsüm» şypahanasynyň gurluşyk işleri dowam edýär.

**Bulardan başga-da, 2025-nji ýylda syýahat etmeli ýerleriň sanawynda Nikaragua kenarlary, Farer adalary, Grenlandiýa, Wýetnamyň «Ho Chi Minh» şäheri, Perunyň Amazon tokaýlary, Hindistanyň Praýagraj şäheri bar.**

# Ýeriňden turanyňda başyň aýlanmagy nämäniň alamaty?

**Ýeriňden turanyňda gözüň garaňkyramagy ýa-da başyň aýlanmagy ýaly alamatlar bilen köp adam ýygy-ýygydan ýüzbe-ýüz bolýar. Käte belli bir wagtdan soň ýatan ýerimizden ýa-da oturan ýerimizden birden turanymyzda, gözümiziň öňi bulaşyp, ýykyljak ýaly bolýarys. Adatça töwekgelçilikli hadysa bolmasa-da, başyň aýlanmagy soňlugy bilen ynjalyksyz ýagdaýa öwrülip biler. Eýsem, birnäçe sekunt dowam edýän bu ýagdaýyň sebäpleri näme?**



**Pes gan basyşy.** Ýeriňden turanyňda başyň aýlanmagynyň esasy sebäbi gan basyşynyň peselmegi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle ýagdaýda gözüň garaňkyramagy, kellagyry, ýürek bulanma alamatlary hem ýüze çykyp biler. Uzak wagtlap oturanymyzda aýakdaky damarlarda gan köp ýygnanýar we gan basyşynyň peselmegine sebäp bolýar. Pes gan basyşy bilen beýnimize ýeterlik kislorod barmaýar we bu ýagdaý birden ýeriňden turanyňda görşüň bulaşmagyna getirýär. Käbir adamda birden ýerinden turanda ýürek bulanma alamatlary hem ýüze çykýar. Bu ýagdaý gan basyşy we nerw damarlarynyň işi bilen baglanyşykly bolup, ýürek bulanma sebäp bolýar.

**Gandaky şekeriň peselmegi.** Ýeriňden turanyňda başyň aýlanmagynyň sebäpleriniň biri hem gandaky şekeriň peselmegidir. Köp energiýa sarp etmek, köp işlemek arkaly gandaky şekeriň birden peselmegi ýeriňden turanyňda gözüň garaňkyrap gitmegine sebäp bolýar. Şeýle ýagdaýda adamda titreme alamatlary hem ýüze çykýar.

**Göz basyşynyň üýtgemegi.** Gözüň hem basyş ölçegleri bar. Gözüň ýadamagy ýa-da bulam-bujar reňklere uzak wagtlap seredilende başyň aýlanyp, gözüň garaňkyramagy ýaly alamatlar ýüze çykýar.

**Nerw damarlarynyň ýadamagy.** Uzak wagtlap ýeriňden turman işlemek beýniňiň we nerw damarlarynyň ýadamagyna sebäp bolýar. Şeýle ýagdaýda kellagyry, görşüň bulaşmagy ýaly alamatlar ýüze çykýar.

**Gulak perdesiniň ýapylmagy.** Gulagyň hüňlemegi ýa-da içki gulak perdeleriniň dykylmagy gözüň garaňkyrap gitmegine sebäp bolýar. Bu ýagdaý goh-galmagalyň, gan basyşynyň peselmeginiň netijesinde ýüze çykýar.

**Ganazlyk.** Damarlarda ýeterlik derejede ganyň aýlanmagy bedeni kislorod bilen doly üpjün edýär. Ganazlyk alamatlary ýüze çykanda beýnä we beden agzalaryna ýeterlik derejede gan barman, başaýlanma, gözüň garaňkyramagy ýaly alamatlar ýüze çykýar.

**Aljyraňňy ýagdaýlar.** Adam gaýgy-aladaly, aljyraňňy ýagdaýa düşende we birden ýerinden turanda başyň aýlanmagyna sezewar bolýar. Bu ýagdaý ýürek urşy, dem alşyň üýtgemegi we beden agzalarynyň täsiri bilen ýüze çykýar.

Umuman, başyň aýlanmagy adamyň iş tertibine, ýaşyna we saglyk ýagdaýyna görä käte gaýtalanyp biler. Ýöne ýeriňden turanyňda başyň aýlanyp, gözüň garaňkyramagy yzygiderli gaýtalanýan bolsa, wagt ýitirmezden lukmana ýüz tutmaly.

## ÇAGALAR

**Uzynlygy 56 santimetre, agramy 12 kilograma ýetýän deňiz hažžygy 60 ýyla çenli ýaşaýar. Bu hažžyklar suwuň aşagynda 3 minut saklanyp bilýärler.**

# SUWOTY IÝÝÄN DEŇIZ HAŽŽYGY

**Ekwadoryň Galapagos adalarynda ýaşaýan deňiz iguanasy suwa çümüp, suwotular bilen iýmitlenmegi bilen tapawutlanýar. Hažžygyň bir görnüşi bolan deňiz iguanasy başgaça, duzly suw iguanasy ýa-da Galapagos deňiz hažžygy diýlip hem atlandyrylýar. Daşyndan seredeniňde eýmenç görünýän bu süýreniji gaýaly kenarlarda ýaşaýar. Bu hažžyklaryň erkegi iýmit tapmak üçin deňze çümýär, köpelýän görnüşleri bolsa, pes tolkunly deňiz kenarlarynda aw awlaýar. Galapagos hažžyklarynyň käbirine batgalyklarda we mangrow tokaýlarynda hem duş gelmek bolýar.**

**Deňiz iguanasynyň göwresiniň uzynlygy, adatça 15-56 santimetr aralygynda bolýar. Bu hažžygyň özünden uzyn bolan guýrugynyň uzynlygy 84 santimetre ýetip, deňziň düýbünde ýüzmegine ýardam edýär. Deňiz hažžygynyň agramy 12 kilograma ýetýär. Hažžygyň bu görnüşi ilkinji gezek 1825-nji ýylda iňlis zoology Tomas Bell tarapyndan köpçülige mälim edilýär. Ýöne Bell deňiz iguanasynyň Meksikada ýaşaýandygy baradaky pikiri öňe sürýär. Ylymda «amblyrhynchus cristatus» diýlip atlandyrylýan bu hažžygyň ady «gödek» diýen manyny aňladýar. Sebäbi deňiz iguanasynyň daşky görnüşi, yraň atyp, süýrenip ýöremegi ilkinji gezek synlaýan adamlarda gorky duýgusyny döredýär.**

**Arkasynda syh-syh tikeni bolan bu hažžygyň erkegini we urkaçysyny derisiniň reňkine görä saýgaryp bolýar. Deňiz iguanasynyň erkeginiň derisi garamtyl-gülgün, beýlekileri garamtyl-goňur bolýar. Krokodile meňzeş bu süýrenijileriň äpet penjesi we ýiti dyrnaklary bar. Hažžygyň bu görnüşi 60 ýyla çenli ýaşaýar. Deňiz iguanalary 20-den 500-e çenli aralykda topar bolup ýaşaýarlar. Bu süýdemdirijiler eýmençdigine garamazdan, adama, guşlara we beýleki deňiz jandarlaryna zyýansyz hasaplanýar.**

**Deňiz iguanalary diňe gyzyl we ýaşyl suwoty iýýärler. Deňziň düýbünde, daşlaryň arasynda gögeren otlary iýmek üçin bu jandarlar 30 metr çuňluga çümýärler. Her gün bir gezek iýmitlenýän uzyn guýrukly bu hažžyklar suwuň aşagynda 3 minut saklanyp bilýärler. Bir deňiz hažžygy ýylda 15-20 kilogram aralygynda suwoty iýýär. Seýrek ýagdaýda osminog, balykgulak, ownuk balyk we çekirtge hem iýýärler. Deňiz hažžyklary iýmitlenmek üçin suwda 1 sagada çenli wagt geçirip, soňra daşlara dyrmaşyp, kenara çykýarlar. Bu jandarlar uzak wagtlap açlyga çydamlylygy bilen hem tapawutlanýar. Galapagos iguanasy käte 1 hepdeläp, käwagt bolsa 1 aýlap hiç zat iýmän gezip bilýär. Deňiz hažžyklaryndan başga-da, birnäçe endemik jandarlaryň ýaşaýan ýeri bolan Galapagos milli seýilgähi 2012-nji ýyldan bäri döwlet derejesinde goralýan zolaga öwrüldi.**



# Galam haçan oýlanyp tapyldy?

Adamzat taryhynda ýazuwly düşünişmegiň ilkinji görnüşleriniň dürli geometrik şekiller bolandygy aýdylýar. Ilkinji şekiller daş bölegi we hek bilen agaçlaryň, daşlaryň ýüzüne çyzylyp hem-de oýulyp çekilipdir. Bu ilkinji ýazuw endikleri bolup, aň-düşünjäniň ösmegi bilen ýazuw esbaplary kämilleşdirilip başlanýar. Takmynan, 1560-njy ýylda italýan neçjarlary (agaç ussasy) Simonio we Lindiana Bernakottiniň galamyň ilkinji görnüşini oýlap tapandyklary çaklanylýar. Olar arça agajynyň içi boş taýajygynyň içine gara reňk berijini ýerleşdirmegi göz öňünde tutupdyrlar. Soňra has ýokary usul: deň ikä kesilen agajyň merkezini dikligine oýup, grafit taýagyny ýerleşdirip, ýarym bölekler ýelmemek oýlanyp tapylýar. Bu usul şu güne çenli hem ulanylýar.

Grafitiň galyndylary ilkinji gezek 1654-nji ýylda Angliýada oýlanyp tapylýar. Elde berk saklanmagy üçin ilki-ilkiler grafit taýajyklaryň daşyna sim ýa-da goýun derisi örtülipdir. 1662-nji ýylda Germaniýanyň



Nýurnberg şäherinde grafit külkesinden grafit taýajygynyň gaýtadan işlenip taýýarlanylýan usulynyň oýlanyp tapylmagy bilen, galamyň önümçiligi ösüp başlaýar.

1775-nji ýylda fransiýaly Nikola Žak Konte hem galamyň inçejik taýak görnüşini, ýagny palçygyň we grafitiň garyndysynyň iki taýajygyň arasynda ýerleşdirilen görnüşini ýasaýar. Ol 1795-nji ýylda galam öndürmäge patent alandan soňra, öz adyny göterýän kärhananyň düýbüni tutýar. Parižiň «Konte» kärhanasy galam öndürmekde öňdebaryjy hasaplanýar.

1858-nji ýylda Hymen Lipman ilkinji bolup öçürijini (bozguç) galamyň ujuna dakmaga patent alýar. Şondan soň öçürgüçli galamlar ýüze çykyp başlaýar. Eberhars Faber 1861-nji ýylda Nýu-Ýorkda ilkinji galam öndürýän kärhananyň düýbüni tutýar. Agaç gatlakly galamlaryň döränine 200 ýyldan gowrak wagt geçdi. Häzirki wagtda galamlaryň grafit, gaty grafit, suwuk grafit, kömürli, uglerodly, reňkli, ýagly we akwarel ýaly birnäçe görnüşi bar.

## Labirint



# Orhideýanyň seýrek duş gelýän görnüşi

**Ösümlik dünýäsinde orhideýalar maşgalasy 25 müňden gowrak görnüşi bilen esasy orny eýeleýär. Çygly tropik ýerlerde ösýän owadan gülli bu köpýyllyk ösümlikler tebigata görk goşmak bilen bir hatarda, öýleriň hem bezegine öwrülýär. Orhideýanyň dürli jandarlara meňzeş gül açýan görnüşleri bolýar. Şolaryň biri hem maýmynyň ýüzüne meňzeş gül açýan orhideýadyr. Geliň, orhideýanyň şol görnüşi bilen ýakyndan tanşalyň!**



Orhideýanyň «Dracula simia» atly görnüşi görenleri haýran galdyrýar. Ýekene meňzeş ýaprakly, uzyn baldagyň ujunda maýmynyň ýüzüne meňzeş bu güli göreniňde gurjak teatr oýunlary ýadyňa düşýär. Köpler bu gülüň suratyny ýa-da widoeşekillerini synlanlarynda ýasama diýip pikir edýärler. Emma hakykatdan hem, mämişi reňkli, hoşboý ysly maýmynyň ýüzüne meňzeş gül açýan orhideýa Ekwadoryň, Perunyň we Kolumbiýanyň 2 müň metr belentlikdäki çygly tropik tokaýlarynda ösýär. Ilkinji gezek 1978-nji ýylda Ekwadorda üstünden barlan bu gül aşa köp ýygnalmagy sebäpli ýitip gitmek howpy abanýan ösümlikleriň hataryna girizildi. Pyrtykalyň ysyna meňzeş hoşboý ysy bolan bu gülüň 15 görnüşi bar. Öý şertlerinde hem ösdürip ýetişdirip bolýan orhideýanyň bu görnüşi 7 ýyldan soň gül açýar. 20 ýyl töweregi gülleýän, birleşip duran 3 ýaprakdan ybarat bu gülüň merkezinde göze meňzeş iki sany nokat, burna we dodaga meňzeş ösüntgi bar.

## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Gyzykly pursat



## 7 tapawudy tapyň!



# ARAP TOPARLARYNYŇ YNAMLY ÝEŇŞI

AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda arakesme tamamlanyp, Günbatar zolagynyň 7-nji duşuşyklary geçirildi. Çempionlygyň dalaşgärlerinden «Al Nassr» topary öz meýdançasynda BAE-niň «Al Wasl» toparyny 4–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda super ýyldyz Kristiano Ronaldo 44-nji minutda (p) hem-de 78-nji minutda tapawutlanyp, 2 goly öz adyna ýazdyrdy. Beýleki gollary Al-Hassan (25) bilen Al-Fatil (88) derwezä girizdi. Ronaldonyň karýerasy boýunça geçiren gollarynyň sany 923-e ýetdi.



Kataryň «Al Sadd» bilen Saud Arabystanynyň «Al-Ahli» toparlarynyň arasyndaky oýunda ýer eýeleri Afifiň 1-nji minutda geçiren goly esasynda öňe saýlandy. 10-njy minutda Firmino hasaby deňläp, 39-njy minutda Ibaňes myhmanlary öňe geçirdi. 81-nji minutda tapawutlanan Mahrez oýna soňky nokady goýdy we «Al-Ahli» 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy.

Ýaryş bilen hoşlaşan soňky çempion «Al Ain» (BAE) topary öz meýdançasynda Kataryň «Al-Raýýan» toparyndan 2–1 hasabynda asgyn geldi. 42-nji minutda Kakunyň goly bilen öňe saýlanan BAE-niň topary bu üstünligini saklap bilmedi. Katarlylara ýeňiş getiren gollary Trezege bilen Gedeş öz atlaryna ýazdyrdylar.

«Esteglal» bilen «Al-Şortanyň» arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady (Kojo 4 – Amin 49).

«Al Hilal» öz meýdançasynda «Persepolisi» 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Malkom, Kanselo hem-de Al-Dawsari (2) geçirdi. «Al-Garafa» bilen «Pahtakoryň» arasyndaky duşuşykda Sassiniň ýeke-täk goly katarlylara ýeňiş üçin ýeterlik boldy.

**Günbatar zolagyň 7-nji duşuşyklary:**
Al Nassr – Al Wasl 4-0, Al Sadd – Al-Ahli: 1-3, Al Ain – Al-Raýýan: 1-2, Esteglal – Al-Şorta: 1-1, Al Hilal – Persepolis: 4-1, Al-Garafa – Pahtakor: 1-0

# Ýewropa çempionaty tamamlandy

Estoniýanyň paýtagty Tallinde geçirilen figuralaýyn typmak boýunça Ýewropanyň çempionaty tamamlandy. Erkekleriň arasyndaky ýekeleýin ýaryşda şweýsariýaly Lukas Britşgi ýeňiji boldy. Ol 2023-nji ýylda 3-nji orny eýeläpdi. Ýaryşda italiýaly Nikolaý Memola 2-nji, soňky 2 ýylyň çempiony, fransiýaly Adam Siao Him Fa 3-nji orna mynasyp boldy.



Zenanlaryň arasyndaky ýekeleýin ýaryşda ýer eýelerinden Niina Petrokina ýeňiş gazandy. Ol erkin typmakda garşydaşlaryndan köp utuk toplamagy başardy. 2023-nji ýylyň çempiony gruziýaly Anastasiýa Gubanowa bassyr 2-nji gezek kümüş medal alan bolsa, belgiýaly Nina Pinzarrone hem yzly-yzyna 2-nji sapar münberiň 3-nji basgançagyna çykdy. Geçen ýylyň çempiony, belgiýaly Lena Hendriks bu ýyl şikesi sebäpli çempionata gatnaşyp bilmedi.

Jübütleýin ýaryşda germaniýaly Minerwa Fabienne bilen Nikita Wolodin ikisi altyn medala mynasyp boldy. Şunlukda, Germaniýa bu ugurdan 15 ýyldan soň ilkinji altyn medalyny gazandy. 2023-nji ýylyň çempionlary, italiýaly Sara Konti hem-de Nikkolo Majii bu gezek kümüş medal bilen oňňut etmeli boldular. Gruziýaly Anastasiýa Metelkina bilen Luka Berulawa geçen ýylky gazanan kümüş medallaryny bu gezek bürünç medal bilen çalyşdylar.



Buzda tans etmek ýaryşynda soňky 2 ýylda bolşy ýaly, çempion bu sapar hem üýtgemedi. Italiýaly Şarlen Ginýar bilen Marko Fabbri bassyr 3-nji çempionlyklaryny baýram etdiler. Olaryň 2 bürünç medaly hem bardy. Fransiýaly Ýewgeniýa Loparewa bilen Joffre Brisso kümüş medaly eýelediler. 2023-nji we 2024-nji ýylyň wise-çempionlary, britaniýaly Lila Fir bilen Lýuwis Gibson bu gezek bürünç medal gazandylar.

Çempionat geljek ýyl Beýik Britaniýanyň Şeffild şäherinde geçiriler.

# Super ýyldyz Ronaldo 40 ýaşynda

Dünýä futbolynyň super ýyldyzy, portugaliýaly oýunçy Kristiano Ronaldo 40 ýaşyny doldurdy. 1985-nji ýylyň 5-nji fewralynda Portugaliýanyň Madeira adasynyň Funşal şäherinde dünýä inip, çagalyk ýyllarynda ýurduň «Andorinýa», «Nasional» klublarynda oýnan Ronaldo 1997-nji ýylda «Sportingiň» ýaşlar düzümine goşulýar. 2002-nji ýylda bu toparyň esasy düzüminde oýnap başlan Ronaldo soňlugy bilen «Mançester Ýunaýtedde» (2003–09), «Real Madridde» (2009–18), «Ýuwentusda» (2018–21), ýene-de «Ýunaýtedde» (2021–22) çykyş edýär. 2023-nji ýylyň ýanwaryndan bäri Saud Arabystanynyň «Al Nassr» klubunda oýnap gelýän Ronaldo 17 ýaşynda başlan professional karýerasynda 40 ýaşyna çenli 923 gol geçirdi. 30 ýaşyna çenli 463, 30 ýaşdan soň 460 gol geçiren Ronaldonyň indiki maksady 1000 gola ýetmek. Soňky 11 oýunda 15 gezek tapawutlanan super ýyldyzyň bu maksadyna ýetip ýetmejekdigini wagt görkezer. Ronaldo iň az gol geçiren ýaşy 19 ýaşynyň içinde bolup, 1 gezek tapawutlandy. Onuň iň köp gol geçiren ýaşy 28 ýaşynyň içinde bolup, ol 2012-nji ýylyň 5-nji fewralyndan 2013-nji ýylyň 5-nji fewralyna çenli aralykda 67 goly derwezä girizdi.

Ol 18 ýaşynda 5, 19 ýaşynda 1, 20 ýaşynda 17, 21 ýaşynda 13, 22 ýaşynda 26, 23 ýaşynda 40, 24 ýaşynda 30, 25 ýaşynda 28, 26 ýaşynda 53, 27 ýaşynda 59, 28 ýaşynda 67, 29 ýaşynda 64, 30 ýaşynda 60, 31 ýaşynda 58, 32 ýaşynda 54, 33 ýaşynda 53, 34 ýaşynda 49, 35 ýaşynda 45, 36 ýaşynda 40, 37 ýaşynda 41, 38 ýaşynda 17, 39 ýaşynda 53 hem-de 40 ýaşynyň içinde 50 gol geçirdi.

Şol bir wagtyň özünde 5-nji fewralda braziliýaly ýyldyz futbolçy Neýmar 33, rumyniýaly ozalky ýyldyz oýunçy George Haji 60, argentinaly belli futbolçy Karlos Tewez 41, niderland goragçy Jowanni wan Bronkorst 50, başga bir niderland oýunçy Stefan de Wreý 33 ýaşyny doldurdy.




# NBA-da taryhy oýunçy alyş-çalşygy

NBA-da taryhy wakalar bolup geçýär. Toparlaryň arasyndaky oýunçy alyş-çalşygy bu gezek hemmäni geň galdyrdy. «Los Anjeles Leýkers» bilen «Dallas Maweriks» toparlarynyň arasyndaky oýunçy alyş-çalşygynda super ýyldyzlaryň klublary üýtgedi. «LA Leýkersiň» super ýyldyzy Antoni Dewis «Dallas Maweriksе», «Dallas Maweriksiň» super ýyldyzy Luka Dončiç «LA Leýkerse» geçdi. Iki toparyň arasynda jemi 5 oýunçy alyş-çalşygy bolup geçdi. Netijede, «Leýkers» Luka Dončiç bilen bir hatarda, Maksi Kleberi, Markieff Morrisi düzümine goşdy. «Maweriks» bolsa Antoni Dewis bilen Maks Kristini hem-de 2029-njy ýyldaky 1-nji tapgyryň draft etmek hukugyny aldy.



Bu alyş-çalşykdan soň ýene bir oýunçy alyş-çalşygy bolup geçdi. Bu gezek 3 toparyň arasynda – «San Antonio Spars», «Sakramento Kings» hem-de «Çikago Bulls» toparlarynyň arasynda oýunçylar alyş-çalyş edildi. «San Antonio Spars» topary «Sakramento Kingsden» De'Aron Foksy we Jordan MakLaflini düzümine goşdy. «Sakramento Kings» bolsa «Çikago Bullsdan» Zäk LaWini, «San Antonio Sparsdan» Sidi Sissokony hem-de 3 sany 1-nji tapgyryň, şonça-da 2-nji tapgyryň draft etmek hukuklaryny aldy. «Çikago Bulls» bolsa «Sakramento Kingsden» Kewin Herteri, «San Antonio Sparsdan» Zäk Kollinsi bilen Tre Jonsy aldy hem-de şu ýylky 1-nji tapgyryň draft etmek hukugynyň eýesi boldy.

**LeBron Jeýmsiň täze rekordy**

● NBA-da adaty möwsümiň duşuşyklary ýokary depginde dowam edýär. «Los Anjeles Leýkersiň» öz meýdançasynda «Nýu Ýork Niksi» 128:112 hasap bilen ýeňen oýnunda super ýyldyz LeBron Jeýms taryhy statistika ýetdi. Ol duşuşykda 33 utuk, 11 ribaund hem-de 12 asist görkezijiler bilen triple-double etmegi başardy. Şunlukda, LeBron Jeýms 40 ýaşdan soň birden köp duşuşykda triple-double eden ilkinji basketbolçy hökmünde taryha girdi.



**HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY**

*7-nji fewral (anna)*
Bawariýa – Werder (00:30)
Komo – Ýuwentus (00:45)
Man. Ýunaýted – Lester (01:00)
**PSŽ – MONAKO (01:05)**
**PORTO – SPORTING (01:15)**

*8-nji fewral (şenbe)*
Borussiýa D – Ştutgart (19:30)
Wolfsburg – Baýer (19:30)
Atletik – Žirona (20:15)
Werona – Atalanta (21:00)
Nissa – Lans (21:00)
Empoli – Milan (22:00)
Borussiýa M – Aýntraht (22:30)
**REAL MADRID – ATLETIKO (01:00)**
Braýton – Çelsi (01:00)

*9-njy fewral (ýekşenbe)*
**Aston Willa – Tottenham (22:35)**
Napoli – Udineze (00:45)
**Sewilýa – Barselona (01:00)**

*10-njy fewral (duşenbe)*
Inter – Fiorentina (00:45)

*12-nji fewral (çarşenbe)*
Ewerton – Liwerpul (00:45)

# «ARSENAL» «MANÇESTER SITINI» ULY HASAP BILEN ÝEŇDI

Angliýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi duşuşygynda «Arsenal» Londonda «Mançester Sitini» 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Arsenal» Edegoryň 2-nji minutdaky goly bilen öňe geçdi. 55-nji minutda Holann hasaby deňlese-de, 56-njy minutda Partiniň goly bilen londonlylar täzeden öňe saýlandy. 62-nji minutda Lýuwis-Skelli karýerasyndaky ilkinji goluny geçirse, 76-njy minutda Hawerts tapawutlandy. 90+3-nji minutda-da Nwaneri oýna soňky nokady goýdy. Çempionatda 11 oýundan bäri utulman gelýän «Arsenal» 2003-nji ýyldan soň ilkinji gezek «Sitini» uly hasap bilen ýeňdi. Mundan öňki tapgyrda «Bornmutdan» 5–0 hasabynda asgyn gelen «Nottingam Forest» öz meýdançasynda «Braýtonyň» derwezesinden jogapsyz 7 gol geçirdi. Duşuşykda Kris Wud 3 gezek tapawutlanyp, het-trik etmegi başardy.






**Salah Lamparddan öňe geçdi**

● Sanawyň lideri «Liwerpul» 11 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Braýton» toparyny myhmançylykda Mohamed Salahyň (30 p, 75) gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. APL-däki gollarynyň sany 178-e ýeten Salah iňlis futbolçysy Frank Lampardy yzda galdyryp, 6-njy orna beýgeldi.

«Brentfordy» myhmançylykda 2–0 hasabynda ýeňen «Tottenham» 8 oýundan soň ilkinji ýeňşini gazandy. Yzygiderli ýeňiş gazanmakda kynçylyk çekýän «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Kristal Palasdan» 2–0 hasabynda asgyn geldi. Öz meýdançasynda soňky 6 oýunda 5-nji gezek utulan «Ýunaýtediň» derwezesinden gollaryň 2-sini hem Mateta geçirdi.




# YZLY-YZYNA HET-TRIK EDEN ILKINJI PSŽ-LI FUTBOLÇY

Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri PSŽ-niň ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. Myhmançylykda «Bresti» 5–2 hasabynda ýeňen parižlileriň gollarynyň 3-sini Usman Dembele, beýleki 2-sini bolsa soňky minutlarda Gonzalu Ramuş geçirdi. Çempionlar Ligasyndaky duşuşykda-da «Ştutgartyň» derwezesine 3 gol salan Dembele PSŽ-niň taryhynda yzly-yzyna 2 oýunda het-trik eden ilkinji futbolçy bolmagy başardy. Şeýle statistikany gazanmak mundan öň PSŽ-de oýnan Pauleta, Kawani, Ibrahimowiç, Neýmar, Mbappe, Messi ýaly ýyldyzlara başartmandy. «Ligue 1»-de bu tapgyr golly geçip, «Monako» öz meýdançasynda «Oseri» 4–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollarynyň 3-sini daniýaly hüjümçi Mika Biret öz adyna ýazdyrdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Marsel» «Liony» 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



# Şazada öýüne dolandy – Neýmar «Santosda»

Braziliýaly super ýyldyz Neýmar Junior karýerasyny ýurdunda dowam eder. Saud Arabystanynyň «Al Hilal» topary bilen şertnamasy ýatyrylan, 5-nji fewralda 33 ýaşyny dolduran Neýmar 12 ýyldan soň ilkinji kluby «Santosa» dolandy. Brazil kluby ýyldyz oýunçynyň toparyň düzümine goşulandygyny: «Şazada öýüne dolandy» diýen setirler bilen habar berdi. Resmi däl maglumatlara görä Neýmar, «Santos» kluby bilen 6 aýlyk şertnama baglaşdy. Neýmary garşylamak üçin stadiona müňlerçe janköýer ýygnandy. Ol Peläniň hem çykyş eden bu klubunda futbolyň şasynyň geýen 10-njy belgili köýnekçesinde çykyş eder. «Santos» kluby 2023-nji ýylda taryhynda ilkinji gezek 2-nji liga düşüp, 1 ýyldan soň täzeden «Serie A» dolanypdy.




Neýmar futbola «Santosda» başlap, ol 2009-2013-nji ýyllar aralygynda bu klubda oýnady. Braziliýaly ýyldyz oýunçy «Santosyň» düzüminde 225 oýunda 136 gol geçirip, 64 gola asist edipdi we jemi 6 kubok gazanypdy. Neýmar «Santosdan» soň «Barselonada» 4, PSŽ-de 6 möwsüm çykyş etdi. Parižliler ony 2017-nji ýylyň tomsunda 222 million ýewro, ähli döwürleriň iň gymmat transferi hökmünde düzümine goşupdy. 2023-nji ýylda «Al Hilala» transfer bolan Neýmar bu toparda-da şikesi sebäpli 1 möwsüm ýaşyl meýdançanyň daşynda galdy. Ol arap klubunda bary-ýogy 7 oýunda meýdança çykdy.

Neýmar klublarda şu wagta çenli 591 oýunda 360 gol saldy. Braziliýanyň milli ýygyndysynyň iň netijeli futbolçysy bolan Neýmar 128 gezek meýdança çykyp, 79 goly derwezä girizdi.

Neýmar «Barselonada» 8, PSŽ-de 13, «Al Hilalda» 1 kubok gazandy. Ol 2016-njy ýylda Rioda Braziliýanyň Olimpiýa ýygyndysynyň ilkinji altyn medalyny gazanmagynda uly rol oýnapdy.



**PREMIER LEAGUE (24) — 34 gol**

**N. Forest—Braýton: 7–0** (Dank 12 ö.d., Gibbs-Waýt 25, Wud 32, 64, 70 p, Williams 90, Žota Silwa 90+1), **Bornmut—Liwerpul: 0–2** (Salah 30 p, 75), **Ewerton—Lester: 4–0** (Dukure 1, Betu 6, 45+2, Ndiaý 90), **Ipswiç—Southempton: 1–2** (Delap 31 — Aribo 21, Onuaçu 88), **Nýukasl—Fulham: 1–2** (Mörfi 37 — Himenes 61, Muniz 83), **Wulwerhempton—Aston Willa: 2–0** (Belgrad 12, M. Kunýa 90+7), **Brentford—Tottenham: 0–2** (Ýanelt 29 ö.d., Sarr 87), **M. Ýunaýted—K. Palas: 0–2** (Mateta 64, 89), **Arsenal—M. Siti: 5–1** (Edegor 2, Partri 56, Lýuwis-Skelli 62, Hawerts 76, Nwaneri 90+3 — Holann 55), **Çelsi—West Ham: 2–1** (Pedru Netu 64, Wan-Bissaka 74 ö.d. — Bowen 42)

**LA LIGA (22) — 24 gol**

**Leganes—Raýo Wallekano: 0–1** (Siss 78), **Hetafe—Sewilýa: 0–0, Wilýarreal—Walýadolid: 5–1** (Aýose Peres 42, Geýe 64, Komesaniýa 70, Barri 86, Suares 90+1 — Amallah 90+4), **Atletiko—Malýorka: 2–0** (Lino 26, Grizmann 90+3), **Espanýol—Real Madrid: 1–0** (Romero 85), **Barselona—Alawes: 1–0** (Lewandowski 61), **Walensiýa—Selta: 2–1** (Rioha 44, Hawi Gerra 68 — Duran 65), **Osasuna—Real Sosiedad: 2–1** (Budimir 34, 74 — Oskarsson 90+4), **Betis—Atletik: 2–2** (Isko 15, Perro 45+2 — Parades 33, Sanset 69), **Žirona—Las Palmas: 2–1** (Ruiz 8, Aspirilýa 79 — Fabio Silwa 82)

**SERIE A (23) — 29 gol**

**Parma—Leçce: 1–3** (Waleri 34 p — Krstowiç 36, Pierotti 63, 90+3), **Monza—Werona: 0–1 (Lekowiç 13 ö.d.), Udineze—Wenesiýa: 3–2** (Lukka 47, Lowriç 52, Brawo 84 — Nikolussi-Kawilýa 64, Gýutkiýaer 79), **Atalanta—Torino: 1–1** (Jimşiti 35 — Maripan 40), **Bolonýa—Komo: 2–0** (De Silwestri 25, Fabbian 66), **Ýuwentus—Empoli: 4–1** (Kolo Muani 61, 64, Wlahowiç 90, Konseýsau 90+2 — De Şilio 4), **Fiorentina—Jenoa: 2–1** (Ken 9, Gudmundsson 30 — De Winter 55), **Milan—Inter: 1–1** (Reýnders 45 — De Wreý 90+3), **Roma—Napoli: 1–1** (Anhelinio 90+2 — Spinazzola 29), **Kaliari—Lasio: 1–2** (Pikkoli 55 — Zakkanýi 41, Kastelýanos 64)

**BUNDESLIGA (20) — 23 gol**

**Werder—Maýns: 1–0** (Bittenkurt 14), **Ştutgart – Borussiýa M: 1–2** (Elwedi 49 ö.d. — Ngumu 25, Klýaýndinst 82), **Bawariýa—Holştaýn: 4–3** (Musiala 19, Keýn 45+3, 46, Gnabri 54 — Porat 62, Skribski 90+1, 90+3), **Haýdenhaým—Borussiýa D: 1–2** (Gonsak 64 — Girassi 33, Baýer 63), **Bohum—Fraýburg: 0–1** (Sildilýa 34), **Sankt-Pauli—Augsburg: 1–1** (Benks 17 ö.d. — Kömür 83), **Union Berlin—Leipsig: 0–0, Aýntraht—Wolfsburg: 1–1** (Uzun 81 — Amura 50), **Baýer—Hoffenhaým: 3–1** (Bonifeýs 15, Frimpong 19, Şik 51 — Orban 62)

**LIGUE 1 (20) — 33 gol**

**Monpelie—Lans: 0–2** (Nzola 1, Agbonifo 61), **Brest—PSŽ: 2–5** (Del Kastilýo 50, Ažork 71 — Dembele 29, 56, 62, Ramuş 89, 90+7), **Monako—Oser: 4–2** (Kerer 35, Biret 58, 63, 66 — Diomande 38, Žubal 45+7 p), **Lill—Sent-Etien: 4–1** (Dewid 32 p, Sahraui 63, 78, Gudmundsson 72 — Dawitaşwili 6 p), **Tuluza—Nissa: 1–1** (Makkenzi 85 — Lýabord 18 p), **Reýms—Nant: 1–2** (Kastelletto 45+1 ö.d. — Ablin 42, Mohamed 70), **Anže—Le Hawr: 1–1** (Anin 90 — Aýew 73), **Renn—Strasbur: 1–0** (Blýas 90), **Marsel—Lion: 3–2** (Grinwud 61, Rabio 64, Luis Enrike 85 — Tolisso 53, Lakazett 72 p)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 23 | 17 | 5 | 1 | 56-21 | 56 |
| 2 | ARSENAL | 24 | 14 | 8 | 2 | 49-22 | 50 |
| 3 | N. FOREST | 24 | 14 | 5 | 5 | 40-27 | 47 |
| 4 | ÇELSI | 24 | 12 | 7 | 5 | 47-31 | 43 |
| 5 | MAN. SITI | 24 | 12 | 5 | 7 | 48-35 | 41 |
| 6 | NÝUKASL | 24 | 12 | 5 | 7 | 42-29 | 41 |
| 7 | BORNMUT | 24 | 11 | 7 | 6 | 41-28 | 40 |
| 8 | ASTON WILLA | 24 | 10 | 7 | 7 | 34-37 | 37 |
| 9 | FULHAM | 24 | 9 | 9 | 6 | 36-32 | 36 |
| 10 | BRAÝTON | 24 | 8 | 10 | 6 | 35-38 | 34 |
| 11 | BRENTFORD | 24 | 9 | 4 | 11 | 42-42 | 31 |
| 12 | KRISTAL PALAS | 24 | 7 | 9 | 8 | 28-30 | 30 |
| 13 | M. ÝUNAÝTED | 24 | 8 | 5 | 11 | 28-34 | 29 |
| 14 | TOTTENHAM | 24 | 8 | 3 | 13 | 48-37 | 27 |
| 15 | WEST HAM | 24 | 7 | 6 | 11 | 29-46 | 27 |
| 16 | EWERTON | 23 | 6 | 8 | 9 | 23-28 | 26 |
| 17 | W. HEMPTON | 24 | 5 | 4 | 15 | 34-52 | 19 |
| 18 | LESTER SITI | 24 | 4 | 5 | 15 | 25-53 | 17 |
| 19 | IPSWIÇ TAWN | 24 | 3 | 7 | 14 | 22-49 | 16 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 24 | 2 | 3 | 19 | 18-54 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 21 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 19 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 17 |
| 4 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 17 |
| 5 | Koul PALMER (Çelsi) | 14 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 22 | 15 | 4 | 3 | 50-21 | 49 |
| 2 | ATLETIKO M | 22 | 14 | 6 | 2 | 37-14 | 48 |
| 3 | BARSELONA | 22 | 14 | 3 | 5 | 60-24 | 45 |
| 4 | ATLETIK B | 22 | 11 | 8 | 3 | 33-20 | 41 |
| 5 | WILÝARREAL | 22 | 10 | 7 | 5 | 44-33 | 37 |
| 6 | R. WALLEKANO | 22 | 8 | 8 | 6 | 26-24 | 32 |
| 7 | ŽIRONA | 22 | 9 | 4 | 9 | 31-30 | 31 |
| 8 | OSASUNA | 22 | 7 | 9 | 6 | 27-31 | 30 |
| 9 | MALÝORKA | 22 | 9 | 3 | 10 | 19-28 | 30 |
| 10 | BETIS | 22 | 7 | 8 | 7 | 25-28 | 29 |
| 11 | R. SOSIEDAD | 22 | 8 | 4 | 10 | 18-19 | 28 |
| 12 | SEWILÝA | 22 | 7 | 7 | 8 | 24-30 | 28 |
| 13 | SELTA | 22 | 7 | 4 | 11 | 31-35 | 25 |
| 14 | HETAFE | 22 | 5 | 9 | 8 | 17-17 | 24 |
| 15 | LAS PALMAS | 22 | 6 | 5 | 11 | 27-36 | 23 |
| 16 | LEGANES | 22 | 5 | 8 | 9 | 19-30 | 23 |
| 17 | ESPANÝOL | 22 | 6 | 5 | 11 | 21-33 | 23 |
| 18 | ALAWES | 22 | 5 | 6 | 11 | 25-34 | 21 |
| 19 | WALENSIÝA | 22 | 4 | 7 | 11 | 22-37 | 19 |
| 20 | WALÝADOLID | 22 | 4 | 3 | 15 | 15-47 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 18 |
| 2 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 15 |
| 3 | RAFINÝA (Barselona) | 12 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 12 |
| 5 | Dodi LUKEBAKIO (Sewilýa) | 9 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 23 | 17 | 3 | 3 | 38-16 | 54 |
| 2 | INTER | 22 | 15 | 6 | 1 | 56-19 | 51 |
| 3 | ATALANTA | 23 | 14 | 5 | 4 | 49-26 | 47 |
| 4 | LASIO | 23 | 13 | 3 | 7 | 40-31 | 42 |
| 5 | ÝUWENTUS | 23 | 9 | 13 | 1 | 39-20 | 40 |
| 6 | FIORENTINA | 22 | 11 | 6 | 5 | 37-23 | 39 |
| 7 | BOLONÝA | 22 | 9 | 10 | 3 | 35-27 | 37 |
| 8 | MILAN | 22 | 9 | 8 | 5 | 33-24 | 35 |
| 9 | ROMA | 23 | 8 | 7 | 8 | 34-29 | 31 |
| 10 | UDINEZE | 23 | 8 | 5 | 10 | 28-36 | 29 |
| 11 | TORINO | 23 | 6 | 9 | 8 | 24-27 | 27 |
| 12 | JENOA | 23 | 6 | 8 | 9 | 21-32 | 26 |
| 13 | LEÇÇE | 23 | 6 | 5 | 12 | 18-41 | 23 |
| 14 | WERONA | 23 | 7 | 2 | 14 | 26-48 | 23 |
| 15 | KOMO | 23 | 5 | 7 | 11 | 27-38 | 22 |
| 16 | EMPOLI | 23 | 4 | 9 | 10 | 22-33 | 21 |
| 17 | KALIARI | 23 | 5 | 6 | 12 | 24-38 | 21 |
| 18 | PARMA | 23 | 4 | 8 | 11 | 29-42 | 20 |
| 19 | WENESIÝA | 23 | 3 | 7 | 13 | 22-38 | 16 |
| 20 | MONZA | 23 | 2 | 7 | 14 | 20-34 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 16 |
| 2 | Markus TURAM (Inter) | 13 |
| 3 | Moýze KEN (Fiorentina) | 13 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 10 |
| 5 | Lautaro MARTINES (Inter) | 9 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 20 | 16 | 3 | 1 | 62-19 | 51 |
| 2 | BAÝER | 20 | 13 | 6 | 1 | 49-27 | 45 |
| 3 | AÝNTRAHT | 20 | 11 | 5 | 4 | 45-27 | 38 |
| 4 | LEIPSIG | 20 | 9 | 6 | 5 | 34-29 | 33 |
| 5 | ŞTUTGART | 20 | 9 | 5 | 6 | 37-30 | 32 |
| 6 | MAÝNS | 20 | 9 | 4 | 7 | 33-24 | 31 |
| 7 | BORUSSIÝA M | 20 | 9 | 3 | 8 | 32-30 | 30 |
| 8 | WERDER | 20 | 8 | 6 | 6 | 34-36 | 30 |
| 9 | FRAÝBURG | 20 | 9 | 3 | 8 | 27-36 | 30 |
| 10 | WOLFSBURG | 20 | 8 | 5 | 7 | 43-35 | 29 |
| 11 | BORUSSIÝA D | 20 | 8 | 5 | 7 | 36-34 | 29 |
| 12 | AUGSBURG | 20 | 7 | 5 | 8 | 24-35 | 26 |
| 13 | SANKT-PAULI | 20 | 6 | 3 | 11 | 18-22 | 21 |
| 14 | UNION BERLIN | 20 | 5 | 6 | 9 | 16-27 | 21 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 20 | 4 | 6 | 10 | 26-40 | 18 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 20 | 4 | 2 | 14 | 25-42 | 14 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 20 | 3 | 3 | 14 | 31-52 | 12 |
| 18 | BOHUM | 20 | 2 | 4 | 14 | 17-44 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 19 |
| 2 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 15 |
| 3 | Patrik ŞIK (Baýer) | 14 |
| 4 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 12 |
| 5 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 12 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 20 | 15 | 5 | 0 | 54-19 | 50 |
| 2 | MARSEL | 20 | 12 | 4 | 4 | 43-25 | 40 |
| 3 | MONAKO | 20 | 11 | 4 | 5 | 36-24 | 37 |
| 4 | LILL | 20 | 9 | 8 | 3 | 33-20 | 35 |
| 5 | NISSA | 20 | 9 | 7 | 4 | 39-26 | 34 |
| 6 | LANS | 20 | 9 | 6 | 5 | 25-18 | 33 |
| 7 | LION | 20 | 8 | 6 | 6 | 32-26 | 30 |
| 8 | BREST | 20 | 9 | 1 | 10 | 31-36 | 28 |
| 9 | STRASBUR | 20 | 7 | 6 | 7 | 33-32 | 27 |
| 10 | TULUZA | 20 | 7 | 5 | 8 | 21-22 | 26 |
| 11 | OSER | 20 | 6 | 5 | 9 | 27-33 | 23 |
| 12 | ANŽE | 20 | 6 | 5 | 9 | 22-29 | 23 |
| 13 | REÝMS | 20 | 5 | 7 | 8 | 26-29 | 22 |
| 14 | NANT | 20 | 4 | 9 | 7 | 24-30 | 21 |
| 15 | RENN | 20 | 6 | 2 | 12 | 27-30 | 20 |
| 16 | SENT-ETIEN | 20 | 5 | 3 | 12 | 19-43 | 18 |
| 17 | MONPELIE | 20 | 4 | 3 | 13 | 20-46 | 15 |
| 18 | LE HAWR | 20 | 4 | 2 | 14 | 15-39 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 14 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 13 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 12 |
| 4 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 11 |
| 5 | Ewann GESSAND (Renn) | 9 |

# «INTER» HEM-DE «ROMA» SOŇKY MINUTLARDA HASABY DEŇLEDI

**Italiýanyň çempionatynda** öňdebaryjy 3 toparyň duşuşygy-da 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Milan» bilen «Interiň» oýnunda şäheriň adybir topary niderland ýarymgoragçysy Reýndersiň 45-nji minutdaky goly bilen öňe saýlandy. 3 urgusy sütünden gaýdyp, 3 golyda hasaba alynmadyk «Inter» 90+3-nji minutda hasaby deňledi. Bu goly-da niderland oýunçy De Wreý öz adyna ýazdyrdy. «Roma» bilen «Napoliniň» arasyndaky oýun hem birmeňzeş ýagdaýda tamamlandy. «Roma» toparynyň ozalky oýunçysy Spinazzolanyň 29-njy minutdaky goly bilen öňe saýlanan «Napoli» toparynyň derwezesinden hasaby deňlän goly 90+2-nji minutda Anhelinio geçirdi. «Atalanta» bolsa Reteginiň penalti salyp bilmedik oýnunda «Torino» bilen utuklary paýlaşdy. Öz meýdançasynda «Empolini» kabul eden «Ýuwentus» öňki futbolçysy De Şilionyň goly bilen garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan, 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Turinlileriň gollarynyň 2-sini täze transfer Kolo Muani, beýlekileri-de 90-njy minutdan soň Wlahowiç bilen Konseýsau geçirdi.



**500-nji duşuşyga çykan ilkinji tälimçi**

● Ispaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Real Madridiň» ýeňlişinden soň, çempionlyk ýaryşy has-da güýjedi. Myhmançylykda «Espanýol» bilen duşuşan «Real» Romeronyň 85-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar boldy. «Malýorkany» Lino hem-de Grizmannyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Atletiko» topary «Real» bilen aratapawudy 1 utuga düşürdi. Bu duşuşyk «Atletikonyň» tälimçisi Diego Simeoneniň çempionatdaky 500-nji oýny hökmünde hasaba alyndy. Ol bir klubda bu görkezijä ýeten ilkinji tälimçi boldy. «Barselona» öz meýdançasynda «Alawesi» Robert Lewandowskiniň 61-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňip, 3 utuk gazandy. Bilbaonyň «Atletik» topary myhmançylykda «Betis» bilen duşuşyp, garşydaşynyň 2 gezek öňe saýlanandygyna garamazdan, duşuşygy deňlik bilen tamamlamagy başardy (2–2).

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Bawariýa» öz meýdançasynda «Holştaýn» toparyny 4–3 hasabynda utdy. Musiala, Keýn (2) hem-de Gnabriniň gollary bilen 4–0 hasabynda öňe saýlanan «Bawariýa» soňky minutlary aljyraňňy ýagdaýda tamamlady. Poratyň goly bilen aratapawudy 3 gola düşüren «Holştaýnyň» düzüminde Skribski 90-njy minutdan soň 2 gezek tapawutlanyp, ýer eýelerini başagaý etdi. Soňky çempion «Baýer» öz meýdançasynda «Hoffenhaýmy» Bonifeýs, Frimpong hem-de Şikiň gollary bilen 3–1 hasabynda utdy. Dortmundyň «Borussiýasy» bolsa myhmançylykda «Haýdenhaýmy» hüjümçileri Girassiniň hem-de Baýeriň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňmegi başardy.



# TRANSFER TÄZELIKLERI

**«Milan» soňky günde 4 oýunçy aldy, 4 oýunçysyny ugratdy**

● Alwaro Moratany «Galatasaraýa» ugradan «Milan» kluby ispaniýaly hüjümçiniň öwezini meksikaly oýunçy bilen doldy. «Milan» topary Niderlandlaryň «Feýenoord» klubunda çykyş edýän meksikaly Santiago Himenesi 32,5 million ýewro transfer etdi. Italýan kluby 23 ýaşyndaky oýunçy



bilen 2029-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. Himenes «Feýenoordda» 105 oýunda 65 gol geçirip, 14 goluň pasyny berdi. Himenes «Milanda» 7-nji belgili köýnekçäni geýer.

«Milan» topary «Çelsiden» portugaliýaly ýyldyz oýunçy Žoao Feliksi möwsümiň ahyryna çenli kärendesine aldy. «Milan» kärende tölegi hökmünde 5,5 million ýewrony iňlis toparyna berer. Şeýle-de, «Fiorentinadan» 25 ýaşyndaky ýarymgoragçy Rikkardo Sottil bilen möwsümiň ahyryna çenli kärendesine şertnama baglaşdy. «Milan» kärende tölegi hökmünde 1,5 million ýewrony «Fiorentina» berip, tomusda Sottili 10 million ýewro ymykly düzümine goşup biler. «Monza» toparynyň fransiýaly ýarymgoragçysy Warren Bondo hem «Milanyň» düzümine goşuldy. «Milan» 21 ýaşyndaky ýarymgoragçy bilen 4,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Milan» Bondonyň transferi üçin «Monza» toparyna 10+3 million ýewro berer.

Şeýle-de, «Milan» topary 10 ýyllyk oýunçysy Dawide Kalabriany klubdan ugratdy. Soňky ýyllarda «Milanyň» kapitany hem bolan 28 ýaşyndaky Kalabria ýurduň başga bir topary «Bolonýanyň» düzümine goşuldy.



Ol möwsümiň ahyryna çenli kärendesine şertnama baglaşdy. «Milan» topary alžirli ýarymgoragçysy Ismael Bennaseri Fransiýanyň «Marsel» toparyna ugratdy. Möwsümiň ahyryna çenli kärendesine şertnama baglaşan «Marsel» «Milana» 1 million ýewro berer we tomusda 27 ýaşyndaky oýunçyny 12+3 million ýewro transfer edip biler. Bennaser 2019-njy ýyldan bäri «Milanda» oýnap gelýärdi.

«Milan» şweýsariýaly wingeri Noa Okaforyda «Napoli» toparyna kärendesine berdi. «Napoli» topary kärende tölegi üçin «Milana» 1,5 million ýewro töläр. Möwsümiň ahyrynda bolsa «Napoli» ony satyn alyp biler. 20 ýaşyndaky Kewin Zeroli «Milandan» «Monza» transfer bolup, ol möwsümiň ahyryna çenli kärendesine oýnar.

**Morata «Galatasaraýda»**

● Türkiýäniň «Galatasaraý» topary «Milandan» ispaniýaly meşhur hüjümçi Alwaro Moratany transfer etdi. Türk kluby 32 ýaşly ýyldyz oýunçy bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy.




Stambullylar ispaniýaly oýunçynyň kärende tölegi hökmünde italýan toparyna 6 million ýewro berer. «Galatasaraý» geljek ýylyň ýanwarynda «Milana» 8 million ýewro töläp, Moratany ymykly düzümine hem goşup biler ýa-da kärende şertnamanyň möhleti 2026-njy ýylyň tomsuna çenli uzaldylar. «Milanda» 24 oýunda 6 gol geçiren Morata «Real Madrid», «Ýuwentus», «Çelsi» hem-de «Atletiko Madrid» klublarynyň köýnekçesini geýdi.

**«Mançester Siti» ýene bir futbolçy aldy**

● Şu ýylyň ýanwar aýynda Abdukodir Husanowy, Witor Reisi, Omar Marmuşy düzümine goşan «Mançester Siti» gyşky transfer möwsüminiň iň soňky gününde ýene bir futbolçy bilen şertnama baglaşdy.



Şäherliler Portugaliýanyň «Porto» toparyndan ispaniýaly Niko Gonzalesi 60 million ýewro transfer etdi. 23 ýaşyndaky ýarymgoragçy iňlis topary bilen 2029-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama gol çekişdi. «Barselona B» toparynda futbola başlan Niko Gonzales «Barselonada», «Walensiýada» (kärendesine) oýnady. «Porto» topary ony 2023-nji ýylyň iýulynda 8,5 million ýewro transfer edipdi.

**Iň gymmat 2-nji transfer**

● Saud Arabystanynyň «Al Nassr» topary «Fenerbahçe» klubuna ugradan braziliýaly ýyldyzy Anderson Talişkanyň öwezini başga bir latyn amerikaly futbolçy bilen doldy. Er-Riýad şäheriniň wekili iňlis kluby «Aston Willanyň» kolumbiýaly hüjümçisi Jon Durany düzümine goşdy. Super ýyldyz Kristiano Ronaldonyň hem çykyş edýän «Al Nassr» kluby bu transfer üçin iňlis klubuna 77+13 million ýewro berer. 21 ýaşyndaky hüjümçi täze kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Duran braziliýaly Neýmardan soň Saud Arabystanynyň klublary tarapyndan transfer edilen iň gymmat 2-nji futbolçy boldy. Jon Duran 2023-nji ýylyň ýanwarynda ABŞ-nyň «Çikago Faýr» klubundan transfer bolupdy. Ol iňlis toparynda 78 oýunda 20 gol geçirdi.




**Reşford «Ýunaýtedi» terk etdi**

● «Premier Liganyň» wekili «Aston Willa» düzümine 2 ýyldyz oýunçyny goşdy. Birmingem şäheriniň kluby «Mançester Ýunaýtedde» Ruben Amorimiň tälimçi bolmagyndan soň, esasy düzümiň daşynda galan 27 ýaşyndaky hüjümçi Markus Reşfordy möwsümiň ahyryna çenli kärendesine aldy.




«Aston Willa» Reşfordyň aýlygynyň 75 göterimini töläр. Möwsümiň ahyrynda-da ony 40 million funt sterling berip, satyn almak mümkinçiligi hem bar. «Mançester Ýunaýtedde» 9,5 möwsüm çykyş eden Reşford 426 oýunda 138 gol geçirdi. «Aston Willa» topary PSŽ-de aglaba ätiýaçda oturýan Marko Asensiony hem möwsümiň ahyryna çenli kärendesine toparyň düzümine goşdy.

**«Fiorentinanyň» täze oýunçylary**

● Italiýanyň «Fiorentina» topary PSŽ-den italiýaly Çer Nduri 5 million ýewro transfer edip, 20 ýaşyndaky ýarymgoragçy bilen 2029-njy ýyla çenli şertnama baglaşdy. «Monzadan» ispaniýaly goragçy Pablo Marini hem 1,8 million ýewro transfer eden «Fiorentina» «Galatasaraýdan» möwsümiň 1-nji ýarymynda «Atalantada» oýnan Nikolo Zaniolony, «Ýuwentusdan» 23 ýaşyndaky ýarymgoragçy Nikolo Fajolini tomsa çenli kärendesine aldy. Klubdanam Kristiano Biragi iýun aýyna çenli «Torino» klubuna kärendesine ugradyldy.




* * *

○ Angliýanyň «Tottenham» topary «Bawariýadan» fransiýaly hüjümçi Matys Teli möwsümiň soňuna çenli kärendesine aldy. Londonlylar 19 ýaşyndaky hüjümçini tomusda ymykly öz düzümine goşmak islese, onda 50 million funt sterlingi münhenlilere berer.



○ Portugaliýanyň «Benfika» topary-da soňky sagatlarynda 2 oýunçyny birden düzümine goşdy. «Komo» klubundan 31 ýaşyndaky italiýaly hüjümçi Andrea Bellottini möwsümiň ahyryna çenli kärendesine alan «Benfika» topary «Bragadan» 30 ýaşyndaky portugal ýarymgoragçysy Brumany 6,5 million ýewro transfer edip, onuň bilen 2028-nji ýylyň tomsuna çenli şertnama gol çekişdi.




○ Fransiýanyň «Renn» kluby «Marselden» 23 ýaşyndaky kanadaly ýarymgoragçy Ismael Koneni möwsümiň ahyryna çenli kärendesine alyp, ony tomusda 14 million ýewro transfer edip biler.

○ Germaniýanyň «Aýntraht» topary Türkiýäniň «Galatasaraý» klubunda belgiýaly hüjümçi Mişi Batşuaýini 3 million ýewro transfer etdi. Nemes kluby 31 ýaşyndaky hüjümçi bilen 2,5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

○ Italiýanyň «Roma» topary niderland kluby «Twenteden» 23 ýaşyndaky Anass Salah-Eddini (Niderlandlar) 8+2 million ýewro düzümine aldy. «Roma» topary polşaly ýarymgoragçysy Nikola Zalewskini «Intere», ispaniýaly goragçysy Mario Hermosony «Baýere» kärendesine goýberdi.




○ Italiýanyň «Ýuwentus» topary «Nýukaslyň» iňlis goragçysy Lloýd Kellini 3 million ýewro kärendesine transfer etdi. «Ýuwentus» topary 26 ýaşyndaky goragçyny ymykly düzümine goşmak islese, tomusda iňlis toparyna 14,5+6,5 million ýewro bermeli bolar.

○ Londonyň başga bir kluby «Kristal Palas» topary şäheriň beýleki topary «Çelsiden» 28 ýaşyndaky goragçy Ben Çilwell bilen möwsümiň ahyryna çenli kärendesine şertnama baglaşdy.

○ «Premier Liganyň» wekili «Braýton» nemes kluby «Nürnbergiň» gresiýaly hüjümçisi Stefanos Simasy 25 million ýewro transfer edip, 19 ýaşly oýunçy bilen 2030-njy ýyla çenli şertnama baglaşdy. Ol şu möwsümiň ahyryna çenli «Nürnbergde» oýnar.

○ Italiýanyň «Torino» kluby-da «Çelsiden» 22 ýaşyndaky italýan ýarymgoragçysy Çezare Kazadei 15 million ýewro transfer etdi. Turinliler ozal «Çezena» hem-de «Interiň» ýaşlar düzüminde çykyş eden Kazadei bilen 4,5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

○ Niderland goragçysy Taýrell Malasiany PSW toparyna, braziliýaly ýarymgoragçysy Antonini ispan kluby «Betise» möwsümiň ahyryna çenli kärendesine ugradan «Mançester Ýunaýted» Italiýanyň «Leçce» toparyndan daniýaly 20 ýaşyndaky goragçy Patrik Dorguny 25 million funt sterlinge düzümine goşdy. «Ýunaýted» Dorgu bilen 2030-njy ýyla çenli şertnama baglaşdy.



# KUBOK ÝARYŞLARY

**Ilkinji finalçy – «Nýukasl»**

● Angliýanyň Liga Kubogynda ýarym finalyň jogap duşuşygynda «Nýukasl» öz meýdançasynda-da «Arsenaly» 2–0 hasabynda ýeňdi. 1-nji oýunda-da myhmançylykda şol hasap bilen ýeňen «Nýu-




kaslyň» gollaryny bu gezek Mörfi (19) bilen Gordon (52) geçirdi. 1-nji oýunda Isak (37) bilen Gordon (51) geçiripdi. Şunlukda, 2 oýnuň netijesi boýunça 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Nýukasl» bu ýaryşda 1976-njy we 2023-nji ýyllardan soň 3-nji gezek finalda oýnar. 2018-nji ýyldan bäri finala çykyp bilmeýän «Arsenal» bu kubogy soňky sapar 32 ýyl ozal, ýagny 1993-nji ýylda gazanypdy.

«Nýukaslyň» finaldaky garşydaşy «Liwerpul» ýa-da «Tottenham» bolar. Olaryň arasyndaky 1-nji oýunda «Tottenham» Londonda 1–0 hasabynda ýeňipdi.

**Madridliler ýarym finala çykdy**



● Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynda Madrid şäheriniň 2 wekili ilkinji ýarym finalçylar boldy. «Atletiko» topary öz meýdançasynda Madridiň başga bir kluby «Hetafeni» 5–0 hasabynda ýeňdi. «Atletikonyň» gollarynyň 2-sini tälimçi Simeoneniň ogly Guliano Simeone (8, 17), beýlekileri bolsa Lino (42), Korrea (78) hem-de Sörlot (6) derweзä girizdi. «Real Madrid» bolsa myhmançylykda Leganes bilen duşuşdy. Madridliler Modriç (18) hem-de Endrigiň (25) gollary esasynda 2-0 hasabynda öňe saýlansa-da, ýer eýelerinden Huan Kruz (39 p, 59) hasaby deňledi. Ätiýaçdan oýna giren Gonzalo Garsiýa 90+3-nji minutda madridlilere ýeňiş getiren oýunçy boldy we «Real» 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy.

**«Baýer» ýene kembek bilen**

● Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda-da 2 ýarym finalçy belli bolup, «Ştutgart» «Augsburgy» Deniz Undawyň 30-njy minutda geçiren goly esasynda iň kiçi hasap bilen ýeňdi. Kubogyň häzirki eýesi «Baýer» öz meýdançasynda «Kölni» garşydaşynyň Dawnsyň (45+10) hem-de Mainanyň (54) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlanandygyna garamazdan, 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Patrik Şikiň gollary bilen hasaby deňlän «Baýere» ýeňiş getiren goly goşmaça wagtda, ýagny 98-nji minutda Bonifeýs geçirdi.

Italiýanyň Kubogy ýaryşynda çärýek finalda «Bolonýa» myhmançylykda «Atalantany» Tomas Kastronyň 80-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen 1–0, «Milan» bolsa «Romany» öz meýdançasynda 3–1 (Abraham 16, 42, Feliks 71 — Dowbyk 54) hasabynda ýeňip, ýarym finala çykdy.

Germaniýada-da, Italiýada-da çärýek finalyň galan oýunlary 25–26-njy fewralda geçiriler.

# «MANÇESTER SITI» BILEN «REAL MADRID» BIJE ÇEKIŞDI

UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, Fransiýanyň PSŽ topary «Brest» bilen duşuşar. «Milanyň» garşydaşy «Feýenoord» bolup, başga bir duşuşykda-da «Ýuwentus» bilen PSW 1/8 finala çykmak üçin güýç synanyşar. Ýagny 2 duşuşykda italýan we niderland toparlary garşydaş boldular.




Soňky duşuşykda ýeňiş gazanyp, pleý-offa galan «Mançester Sitiniň» bijesine-de «Real Madrid» düşdi. Iki topar soňky ýyllarda birnäçe gezek gabatlaşdylar. «Bawariýa» bolsa «Seltik» bilen bije çekişdi.

1-nji duşuşyklar 9–16-njy orunlarda tamamlanlaryň meýdançasynda geçiriler. Pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary 11–12-nji fewralda, jogap oýunlary bolsa 18–19-njy fewralda oýnalar. Ýeňiş gazanan toparlar 1/8 finala çykar.

**UEFA Çempionlar Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary:**

**11-nji fewral (sişenbe):**
Brest — PSŽ (22:45), Sporting — Borussiýa Dortmund (01:00), Mançester Siti — Real Madrid (01:00), Ýuwentus — PSW (01:00)

**12-nji fewral (çarşenbe):**
Klub Brýugge — Atalanta (22:45), Monako — Benfika (01:00), Seltik — Bawariýa (01:00), Feýenoord — Milan (01:00)

**18-nji fewral (sişenbe):**
Milan — Feýenoord (22:45), Atalanta — Klub Brýugge (01:00), Benfika — Monako (01:00), Bawariýa — Seltik (01:00)

**19-njy fewral (çarşenbe):**
Borussiýa Dortmund — Sporting (22:45), PSŽ — Brest (01:00), Real Madrid — Mançester Siti (01:00), PSW — Ýuwentus (01:00)

**Liga tapgyry barada gyzykly maglumatlar**

UEFA Çempionlar Ligasynyň liga tapgyrynda käbir rekordlar, statistikalar, täsin wakalar hasaba alyndy. Ine,şolaryň käbiri:

36 klubuň gatnaşan liga tapgyrynda 144 duşuşyk oýnaldy we şolarda 470 gol geçirildi. Bu bolsa her duşuşyga ortaça 3,26 goldan düşýär diýmekdir. Bu häzirki wagta çenli ýaryşyň toparçalaýyn hem-de liga tapgyrynda bellige alnan iň ýokary görkezijidir. Mundan öň 2020/21 möwsüminde ortaça 3,21 gol geçirilipdi.

«Bawariýa» topary 6-njy oýunlarda myhmançylykda «Şahtýor Doneskiň» garşysyna geçiren duşuşygy, toparyň bu ýaryşdaky 300-nji oýny hökmünde hasaba alyndy. «Bawariýa» «Real Madridden» soň bu görkezijä ýeten 2-nji klubdur.

5-nji duşuşyklarda «Brest» toparynyň derwezesini sarsdyran «Barselonanyň» polşaly hüjümçisi Robert Lewandowski Çempionlar Ligasynda 100 goldan geçen 3-nji futbolçy boldy.

5-nji duşuşyklarda jemi 18 oýunda 67 gol geçirildi. Bu bolsa iň ýokary görkeziji bolup, 2000/01 möwsüminiň 1-nji duşuşyklarynda 63 gol geçirilipdi. Şeýle-de, şu möwsümde 8-nji duşuşyklarda 64 gol hasaba alyndy.

«Benfikanyň» gresiýaly hüjümçisi Wangelis Pawlidisiň «Barselonanyň» derwezesinden geçiren 3 goly ýaryşyň taryhyndaky 153-nji het-trik boldy. Ol het-trik edibem topary utulan 5-nji, şol sanda bu ýaryşda «Barselonanyň» derwezesinden 3 gol salan 5-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy.




«Bawariýanyň» öz meýdançasynda «Dinamo Zagrebi» 9–2 hasap bilen ýeňen oýnunda Harri Keýn 4 gezek tapawutlandy. Angliýaly hüjümçi şolaryň 3-sini penaltiden salyp, ol 1 oýunda penaltiler bilen het-trik eden ilkinji futbolçy boldy.

8-nji oýunlarda öz meýdançasynda «Seltigi» 4–2 hasabynda ýeňen «Aston Willanyň» düzüminde het-trik eden Morgan Rojers duşuşygyň ilkinji 5 minutynda 2 gol geçirip, şeýle statistikany gazanan ilkinji futbolçy boldy.

«Feýenoord» topary 1971/72 möwsüminden soň ilkinji gezek şu ýaryşda yzly-yzyna 3 duşuşykda 3 gol geçirdi.

# Ýewropa Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň bijeleri

UEFA Ýewropa Ligasynda-da pleý-off tapgyryň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, «Porto» Italiýanyň «Roma» topary bilen duşuşar. «Galatasaraýyň» garşydaşy «AZ Alkmaar» bolup, «Fenerbahçe» Belgiýanyň «Anderleht» topary bilen güýç synanyşar. Duşuşyklar 13-nji we 20-nji fewralda geçiriler.

UEFA Ýewropa Ligasynda liga tapgyryny «Lasio» hem-de «Atletik Bilbao» 19 utuk bilen 1-2-nji orunlarda tamamladylar. 8 oýnuň 5-sinde ýeňiş gazanyp, 3-sinde deňme-deň oýnan we ýeňlişsiz ýeke-täk topar bolan «Mançester Ýunaýted» 3-nji, başga bir iňlis topary «Tottenham» 4-nji, «Aýntraht» 5-nji, «Lion» 6-njy, «Olimpiakos» 7-nji hem-de «Reýnjers» 8-nji orny eýeläp, 1/8 finala gönümel çykdy.



UEFA Ýewropa Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary: 13-nji fewral (penşenbe): Ferenswaroş – Wiktoriýa Plzen (22:45), Ýunion Sent-Žilluaz – Aýaks (22:45), Midtýullan – Real Sosiedad (22:45), Fenerbahçe – Anderleht (22:45), Porto – Roma (01:00), PAOK – FKSB (01:00), Twente – Bude-Glimt (01:00), AZ Alkmaar – Galatasaraý (01:00)

